# TÜRKMENISTANYŇ
# K A N U N Y

## Harby borçlulyk we harby gulluk hakynda

(Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary 2010 ý., № 3, 58-nji madda)

(Türkmenistanyň 01.10.2011 ý. № 234-IV Kanuny esasynda girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar bilen)

*Türkmenistanyň raýaty Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda öz ata Watanyny - Türkmenistany, onuň özygtyýarlylygyny, garaşsyzlygyny, çäk bitewiligini, konstitusion gurluşyny goramaga borçludyr.*

*Şu Kanun Türkmenistanyň raýatlarynyň harby borçlulyk we harby gulluk çygrynda Watany goramakdaky konstitusion borçlaryny we wezipelerini ýerine ýetirmeklerini hukuk taýdan kadalaşdyrmagy amala aşyrýar.*

## I bölüm
## UMUMY DÜZGÜNLER

### 1-nji madda. Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleri, beýleki goşunlary we harby edaralary

1. Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleri - harby dolandyryş edaralaryndan, harby bölümlerinden, birikmelerinden, harby edaralardan we kärhanalardan hem-de harby okuw mekdeplerinden ybaratdyr.

2. Beýleki goşunlar - Türkmenistanyň Döwlet serhet gullugynyň serhet goşunlary, Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň içerki goşunlary, şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda döredilýän ýörite harby düzümler.

3. Harby edaralar - Türkmenistanyň Prezidentiniň Howpsuzlyk gullugy, Türkmenistanyň Milli howpsuzlyk ministrliginiň, Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň, Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugynyň, Türkmenistanyň Neşelere garşy göreşmek baradaky döwlet gullugynyň edaralary.

### 2-nji madda. Şu Kanunda ulanylýan esasy adalgalar

Şu Kanundaky esasy adalgalar aşakdaky manylary aňladýar:

1) **borçnama boýunça harby gullugy geçýän harby gullukçylar** - Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerine, beýleki goşunlaryna we harby edaralaryna harby gulluga meýletin giren Türkmenistanyň raýatlary;

2) **borçnama boýunça harby gulluk** - şu Kanun bilen kesgitlenen tertipde Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň, beýleki goşunlarynyň we harby edaralarynyň

düzüminde raýatlar tarapyndan meýletin ýagdaýda ýerine ýetirilýän döwlet gullugynyň aýratyn görnüşi;

3) **başlangyç harby taýýarlyk** - harby işiň esaslary we adamyň hem-de jemgyýetiň ýaşaýşynyň we hereket etmeginiň howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça hökmany okuw dersi;

4) **çagyryş boýunça harby gullukçylar** - belli bir möhletli çagyryş boýunça harby gulluga (şeýle hem ofiser düzüminiň wezipelerine) çagyrylan Türkmenistanyň raýatlary;

5) **çagyryş nokady** - çagyryş bölümine hasaba alnanda we harby gulluga çagyrylanda raýatlaryň lukmançylyk güwä geçmesini, şeýle hem harby-watançylyk çärelerini geçirmek üçin ýer;

6) **çagyryş boýunça harby gulluk** - şu Kanuna laýyklykda kesgitlenilen tertipde erkek raýatlaryň Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerine, beýleki goşunlaryna we harby edaralaryna çagyrylmagy boýunça geçýän harby gullugy;

7) **çagyryşa degişli raýatlar** - etrap, etrap hukukly şäher harby wekillikleriniň çagyryş bölümlerinde bellige alnan we çagyryş boýunça harby gullugy geçmek üçin Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerine, beýleki goşunlaryna we harby edaralaryna çagyryşa degişli erkek raýatlar;

8) **çagyryş möhletini yza süýşürmek** - şu Kanunda göz öňünde tutulan esaslar boýunça raýatyň harby gulluga çagyrylmagyny başga wagta geçirmek;

9) **diňleýjiler** - ýokary harby okuw mekdeplerinde, ofiserler düzüminiň hünärini kämilleşdirmek (gaýtadan taýýarlamak) okuwlarynda okaýan ofiserler düzüminiň harby gullukçylary;

10) **ätiýaçlykda bolmak** - harby borçlularyň harby hasapda durýan we harby ýygnanyşyklarda bolýan döwründe gullugy geçmek bilen baglanyşykly borçlary ýerine ýetirmegi;

11) **guramaçylyk-düzüm çäreleri** - Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerinde, beýleki goşunlarda we harby edaralarda düzümleri döretmek, ýatyrmak, göçürmek, gaýtadan döretmek, tabynlygy üýtgetmek, sanyny köpeltmek we kemeltmek boýunça geçirilýän çäreler;

12) **goşunlarda tälim almak** - amaly endikleri ele almak we kämilleşdirmek, ofiserleri taýýarlamak maksatnamasy boýunça alnan bilimleri çuňlaşdyrmak we berkitmek;

13) **harby gullukçylar** - Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerinde, beýleki goşunlarynda we harby edaralarynda harby gullugy geçýän Türkmenistanyň raýatlary;

14) **harby borçlular** - harby hasapda durmagyň aňryçäk ýaşyna ýetýänçä ätiýaçlykda bolýan Türkmenistanyň raýatlary;

15) **harby at** - harby gullukça we harby borçla dakylýan harby tapawutlandyryş nyşany bolan at;

16) **harby borçlulyk** - Türkmenistanyň raýatlarynyň öz ata Watanyny - Türkmenistany, onuň özygtyýarlylygyny, garaşsyzlygyny, çäk bitewiligini, konstitusion gurluşyny goramak boýunça konstitusion borjy;

17) **harby geýim lybasy** - Türkmenistanyň kanunçylygy bilen bellenilen, harby gullukçylaryň Ýaragly Güýçlere, beýleki goşunlara we harby edaralara degişliligini kesgitleýän gerdenlikli we beýleki tapawutlandyryş nyşanlary bilen esbaplaşdyrylan geýim lybasy;

18) **harby wezipe** - harby ada laýyklykda Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen wezipe borçlar we ygtyýarlyklar ýüklenilýän Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň, beýleki goşunlarynyň we harby edaralarynyň gurluşyndaky wezipe birligi;

19) **harby ýygnanyşyklar** - harby gullukçylaryň, harby borçlularyň bilimlerini kämilleşdirmek, şeýle hem söweşjeň, mobilizasiýa we harby taýýarlygyň derejesini ýokarlandyrmak maksady bilen olary harby bölümlere ýygnap, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerinde, beýleki goşunlarynda we harby edaralarynda geçirilýän çäreler;

20) **harby hasap** - harby gullukçylaryň çagyryş we mobilizasiýa gorlarynyň hasap we seljeriş ulgamy;

21) **harby borçlularyň ätiýaçlygy** - Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň, beýleki goşunlarynyň we harby edaralarynyň üstüni ýetirmek, ýaýbaňlandyrmak we ýitgileri dolmak maksady bilen we harby ýagdaý döwründe peýdalanylýan, etrap, etrap hukukly şäher harby wekilliklerinde harby hasapda durýan harby borçlular;

22) **harby gullugy meýletin tertipde geçmek baradaky borçnama** - borçnama boýunça harby gullugy geçmegi üpjün edýän, taraplaryň hukuklaryny we borçlaryny kesgitleýän we olaryň bähbitlerini goraýan hukuk resminamasy (şertnama);

23) **harby talyplar** - okuw düzümlerinde (merkezlerinde), orta ýa-da ýokary harby okuw mekdeplerinde okaýan hatarçylar (matroslar), seržantlar (starşinalar) düzüminiň harby gullukçylary;

24) **harby gulluk** - Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerinde, beýleki goşunlarynda we harby edaralarynda harby gullukçylaryň döwlet gullugynyň aýratyn görnüşi;

25) **harby okuw ýygnanyşyklary** - harby borçlulary taýýarlamak we gaýtadan taýýarlamak maksady bilen geçirilýän harby ýygnanyşyklaryň görnüşi;

26) **hatarçylar (matroslar)** - hatarçylar (matroslar) düzüminiň harby atlary dakylan harby gullukçylar;

27) **mobilizasiýa** - Türkmenistanyň döwlet guramalaryny, kärhanalaryny, edaralaryny, Ýaragly Güýçlerini, beýleki goşunlaryny we harby bölümlerini, ilatyny, çäklerini we ykdysadyýetini (ählumumy mobilizasiýa) ýa-da olaryň haýsydyr bir bölegini (bölekleýin mobilizasiýa) harby ýagdaý düzgünine geçirmek bilen baglanyşykly umumy döwlet çäreleriniň toplumy;

28) **otstawka** - harby gullukçylaryň harby gullukdan boşadylmagy ýa-da ätiýaçlykda bolmagyň aňryçäk ýaşyna ýeten harby borçlularyň, şeýle hem harby hasapdan aýyrmak bilen, harby gulluga ýaramly däl diýlip ykrar edilen şahslaryň harby hasapdan aýrylmagy;

29) **ofiserler** - ofiserler düzüminiň degişli harby ady dakylan harby gullukçylar;

30) **seržantlar (starşinalar)** - seržantlar (starşinalar) düzüminiň harby atlary dakylan harby gullukçylar;

31) **ýygnanyşyk nokady** - çagyryşa degişli raýatlaryň lukmançylyk güwä geçmesini geçirmek, lukmançylyk kömegini bermek, harby-watançylyk çärelerini geçirmek, çagyryşa degişli raýatlardan toparlary döretmek we olary Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerine, beýleki goşunlaryna we harby edaralaryna ugratmak üçin ýörite enjamlaşdyrylan ýer.

**3-nji madda. Harby borçlulyk**

1. Türkmenistanyň raýatlarynyň (mundan beýläk - raýatlar) harby borçlulygy aşakdakylary göz öňünde tutýar:

1) harby hasaby;

2) harby gulluga taýýarlamagy;

3) harby gulluga girmegi;

4) harby gullugy geçmegi;

5) ätiýaçlykda bolmagy;

6) ätiýaçlykda bolan döwri harby ýygnanyşyklara çagyrylmagy we harby ýygnanyşyklary geçmegi;

7) mobilizasiýa döwründe harby tälim geçmegi.

2. Mobilizasiýa, harby ýagdaý we harby döwürde, raýatlaryň harby borçlulygy Türkmenistanyň kanunlary we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen kesgitlenýär, şeýle hem şulary göz öňünde tutýar:

1) mobilizasiýa boýunça, harby ýagdaý we harby döwründe harby gulluga çagyrylmagy;

2) mobilizasiýa döwründe, harby ýagdaý we harby döwründe harby gullugy geçmegi;

3) harby ýagdaý we harby döwründe harby tälim geçmegi.

3. Raýatlar harby borçlulygy ýerine ýetirmekden diňe şu Kanunda göz öňünde tutulan esaslar boýunça boşadylýarlar.

4. Raýatlar şu Kanunda bellenilen tertipde Watany goramak boýunça konstitusion borjuny ýerine ýetirmäge borçludyrlar we borçnama boýunça harby gulluga girmäge hukuklydyrlar.

5. Raýatlaryň harby borçlary ýerine ýetirmeklerini döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralary, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary we eýeçiligiň görnüşlerine garamazdan, kärhanalar, edaralar we guramalar, olaryň wezipeli adamlary Türkmenistanyň kanunçylygy arkaly berlen ygtyýarlarynyň çäklerinde üpjün edýärler.

**4-nji madda. Harby borçlulygyň we harby gullugyň hukuk esaslary**

Harby borçlulyk we harby gulluk hakynda kanunçylyk Türkmenistanyň Konstitusiýasyna esaslanýar we şu Kanundan hem-de Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryndan ybaratdyr.

**5-nji madda. Raýatlaryň harby borjy ýerine ýetirmekleri bilen baglanyşykly döwlet edaralarynyň, kärhanalaryň, edaralaryň we guramalaryň wezipeli adamlarynyň borçlary**

1. Döwlet edaralarynyň, kärhanalaryň, edaralaryň we guramalaryň wezipeli adamlary şu aşakdakylara borçludyrlar:

1) harby wekillige çagyrylýandygy barada raýatlara habar bermäge;

2) harby wekilligiň çagyrmagy boýunça raýatlaryň öz wagtynda barmagyna mümkinçilik döretmäge;

3) harby hasaba girýän we harby hasapda durýan raýatlar hakynda harby hasap resminamalaryna girizmek üçin zerur bolan maglumatlary harby wekilligiň talaby boýunça ibermäge.

Ýaşaýyş jaýlaryny ulanmak işini amala aşyrýan kärhanalaryň, edaralaryň we guramalaryň ýolbaşçylary, şeýle hem öý eýeleri hemişelik ýa-da wagtlaýyn ýaşaýan, harby hasapda durýan ýa-da durmaga borçly bolan raýatlar barada bolan üýtgeşiklikler hakynda maglumatlary harby hasap işini alyp barýan edara bir aý möhletde habar bermäge borçludyrlar.

2. Içeri işler edaralarynyň işgärleri aşakdakylary ýerine ýetirmelidir:

1) raýatlar hakynda harby-hasap resminamalaryna girizmek üçin zerur bolan maglumatlary etrap, etrap hukukly şäher harby wekiliniň talaby boýunça ýedi gün möhletde ibermäge;

2) raýatlary ýazga goýmak we ýazgydan çykarmak işini diňe olaryň harby-hasap resminamalarynda harby wekillikleriň harby hasaba almak we harby hasapdan çykarmak hakyndaky bellikleri bar bolan wagtynda amala aşyrmaga;

3) raýatlary harby gulluga çagyrmak çärelerini geçirmekde harby wekilliklere ýardam bermek üçin, harby hasapdan, harby gulluga ýa-da harby ýygnanyşyklara çagyrylmakdan, harby gullugy geçmekden boýun gaçyrýan raýatlary agtaryp tapmaga, degişli harby wekilliklere getirmegi amala aşyrmaga hem-de kanuny esaslar bolan halatynda, tutup saklamaga;

4) harby hasabyň düzgünlerini bozýan raýatlar ýüze çykarylanda, bu barada ýedi gün möhletde degişli harby wekilliklere habar etmäge.

3. Raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgylary edaralary harby hasapda durýan ýa-da durmaga borçly bolan raýatlaryň raýat ýagdaýy namalarynyň ýazgysyna üýtgetmeler girizilendigi hakynda ýedi gün möhletde degişli harby wekilliklere habar bermelidirler.

4. Anyklaýyş, deslapky derňew edaralary harby hasapda durýan ýa-da durmaga borçly bolan raýatlar barasynda jenaýat işleriniň gozgalandygy we olaryň çözülişi hakynda ýedi gün möhletde degişli harby wekilliklere habar bermelidirler.

5. Kazyýetler harby hasapda durýan ýa-da durmaga borçly bolan raýatlar barasynda kanuny güýje giren hökümler hakynda ýedi gün möhletde degişli harby wekilliklere habar bermelidirler. Kazyýetler azatlykdan mahrum etmek jezasy bellenilen iş kesilen harby borçlularyň harby biletlerini (harby-hasap

resminamalaryny) degişli harby wekilliklere ibermelidirler.

6. Hemaýata mätäçligi anyklaýyş toparlary maýyplygy ykrar edilen (aýrylan) harby hasapda durýan ýa-da durmaga borçly raýatlar barada ýedi gün möhletde degişli harby wekilliklere habar bermelidirler.

**6-njy madda. Raýatlaryň harby borjuny ýerine ýetirmekleri bilen baglanyşykly çäreleri üpjün etmek**

1. Döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralary, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet hem-de ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary harby hasaba goýulýan, harby gulluga (harby ýygnanyşyklara) çagyrylýan, harby gulluga girýän raýatlary lukmançylyk güwä geçmesinden hem-de gözden geçirişden geçirmek üçin zerur bolan ýerler, enjamlaşdyrylan jaýlar, hojalyk emläkleri, derman serişdeleri, ulaglar, lukman hünärmenler, orta lukmançylyk işgärleri hem-de tehniki işgärler bilen üpjün etmäge borçludyrlar.

2. Raýatlaryň harby borjuny ýerine ýetirmegini üpjün etmek boýunça çärelere gatnaşýan işgärleriň ortaça aýlyk haky, ýokarda görkezilen çärelere gatnaşmak üçin iş sapary çykdajylarynyň öwezi Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde tölenilýär.

3. Kärhananyň, edaranyň, guramanyň we rayatyň şu maddanyň 1-nji we 2-nji böleklerinde görkezilen çäreleri üpjün etmek bilen baglanyşykly çykdajylarynyň öwezi Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde dolunýar.

**7-nji madda. Raýatyň harby borjy ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly maddy üpjünçiligi**

1. Harby hasap, harby gulluga hökmany taýyarlamak, harby gulluga girmek, harby okuw mekdebine girmek bilen baglylykda saglyk ýagdaýyna lukmançylyk güwä geçmesini geçen, bejergi alan, harby okuw mekdebine girýän, harby ýygnanyşyklarda bolan we beýleki harby borçlary ýerine ýetiren döwürlerinde raýatyň iş (okuw) ornuny saklap galmak, eýeleýän wezipesi boýunça oňa ortaça aýlyk hakyny (talyp hakyny) tölemek bilen ol işden (okuwdan) boşadylýar. Ýolda bolan wagty üçin iş sapary çykdajylary Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň, özlerinde kanun boýunça harby gulluk göz öňünde tutulan beýleki ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň serişdeleriniň hasabyna tölenilýär.

2. Harby gulluga (harby ýygnanyşyklara) çagyrylan raýat gulluk ýerine barýança we yzyna gaýdyşyn ýolda iýmit bilen çagyryş boýunça gullugy geçýän harby gullukçylar üçin bellenilen möçberde üpjün edilýär ýa-da oňa Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň, özlerinde kanun boýunça harby gulluk göz öňünde tutulan beýleki ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň serişdeleriniň hasabyna pul görnüşinde öwezi dolunýar.

**8-nji madda. Türkmenistanyň harby borçlulyk we harby gulluk hakyndaky kanunçylygynyň bozulandygy üçin jogapkärçilik**

1. Harby hasaba goýmak, harby gulluga (harby ýygnanyşyklara) çagyrmak, harby borçlulyga degişli beýleki çäreler bilen baglylykda harby wekilligiň çagyryş hatyny alyp, bellenilen möhletde esassyz sebäp bilen gelmedik ýa-da bikanun harby gulluga çagyryşdan boşan ýa-da çagyryş möhleti yza süýşürilen raýat Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilige çekilýär.

2. Raýatyň harby wekilligiň çagyrmagy ýa-da harby wekiliň çagyryş haty boýunça gelmezligi (gelmezliginiň sebäbi resminamalar bilen tassyklanmagy bilen) şu ýagdaýlarda esasly sebäp diýlip hasap edilýär:

1) raýatyň kesellemegi ýa-da synasyna şikes ýetmegi zerarly işe ýarawlylygyny ýitirmegi;

2) raýatyň kakasynyň, ejesiniň, aýalynyň (äriniň), çagalarynyň, süýtdeş doganlarynyň, atasynyň, enesiniň, babasynyň, mamasynyň ýa-da ony ogullyga alan adamyň saglyk ýagdaýy agyr bolmagy ýa-da şol görkezilen adamlaryň jaýlanylmagyna gatnaşmagy;

3) tebigy betbagtçylygyň päsgelçilik döretmegi ýa-da raýatyň erk-islegine bagly bolmadyk başga hadysalaryň bolmagy netijesinde harby wekilligiň çagyryşynda ýa-da harby wekiliň çagyryş hatynda görkezilen ýere hem-de möhletde gelmäge mümkinçiliginiň bolmazlygy;

4) çagyryş topary, harby wekil tarapyndan esasly diýip hasap edilen we Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan beýleki ýagdaýlar.

3. Raýatyň harby borjy ýerine ýetirmekden bilkastlaýyn boýun gaçyrmagyna ýardam edýän, şeýle hem raýatyň harby borjy ýerine ýetirmegine päsgel berýän ýa-da şu Kanunda bellenilen borçlary ýerine ýetirmeýän raýaty harby hasap, harby gulluga taýýarlamak, harby gulluga girmek we harby ýygnanyşyklara çagyryş bilen baglanyşykly raýatyň lukmançylyk güwä geçirilmesine, gözden geçirilişine gatnaşýan lukman-hünärmen, çagyryş toparynyň agzasy, kärhananyň, edaranyň, guramanyň wezipeli adamy Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan jogapkärçilige çekilýärler.

## II bölüm
## HARBY HASAP

**9-njy madda. Harby hasabyň guralyşy**

1. Türkmenistanda her bir erkek raýat, şu aşakdakylardan daşary halatlarda harby hasaba durmaga borçludyr:

1) şu Kanuna laýyklykda harby borçlulykdan boşadylanlar;

2) harby gullugy geçýänler;

3) içeri işler edaralarynda gullugy geçýänler;

4) azatlykdan mahrum etmek görnüşinde jeza çekýänler;

5) ätiýaçlykda bolmagyň aňryçäk ýaşyna ýetenler.

2. Zenan raýatlar harby-hasap hünäri bar bolan ýagdaýynda harby hasapda durýarlar.

3. Türkmenistanyň içeri işler edaralarynda gullugy geçýän raýatlaryň harby hasabynyň tertibi we aýratynlyklary Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan kesgitlenilýär.

4. Raýatlaryň harby hasabyny olaryň ýaşaýan ýerindäki harby wekillikler alyp barýarlar.

Geňeşlikler öz çäklerinde ilkinji harby hasap işlerini alyp barýarlar.

Türkmenistanyň milli howpsuzlyk edaralarynda ätiýaçlykda durýan raýatlaryň harby hasabyny Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde Türkmenistanyň milli howpsuzlyk edaralary we degişli harby wekillikler alyp barýarlar.

5. Harby hasap resminamalarynda raýat baradaky aşakdaky maglumatlar görkezilmelidir:

1) familiýasy, ady we atasynyň ady;

2) doglan senesi;

3) doglan ýeri;

4) milleti;

5) hemişelik (wagtlaýyn) ýaşaýan ýeriniň salgysy;

6) işleýän ýeri we wezipesi;

7) maşgala ýagdaýy;

8) saglyk ýagdaýy boýunça harby gulluga ýaramlylygy;

9) harby hünäri boýunça harby wezipelere hünär taýdan ýaramlylygy;

10) esasy antropometrik maglumatlary;

11) harby gullugy geçişi;

12) harby ýygnanyşyklary geçişi;

13) bilimi we bilimi boýunça hünäri;

14) daşary ýurt dillerini bilýändigi;

15) jenaýat jogapkärçiligine çekilendigi (çekilmändigi);

16) raýat we harby-hasap hünärleriniň bardygy;

17) ýörite sport adynyň bardygy;

18) mobilizasiýa we harby döwürde onuň kärhana, edara, gurama berkidilendigi (bronlanandygy).

Raýatyň harby hasap resminamalarynda bar bolan maglumatlary toplamak, saklamak, peýdalanmak we ýaýratmak Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrylýar.

6. Ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet edaralary, kärhanalaryň, edaralaryň we guramalaryň wezipeli adamlary Harby hasap hakyndaky düzgünnama laýyklykda raýatlaryň harby hasabyny guramak we ýöretmek borçlary ýerine ýetirýärler.

7. Raýatlary harby hasaba almagyň tertibi şu Kanun hem-de Harby hasap hakyndaky düzgünnama arkaly kesgitlenilýär.

8. Türkmenistanyň çäklerinden daşarda ýaşaýan raýatlaryň harby hasabyny Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky ilçihanalary (konsullyklary) amala aşyrýarlar.

Türkmenistanyň çäklerinden daşynda hemişelik ýasaýan, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerinde, beýleki goşunlarynda we harby edaralarynda hatarçylar, matroslar, seržantlar we starşinalar bilen eýelenilýän harby wezipelerde çagyryş boýunça harby gullugy geçmäge borçly Türkmenistanyň raýatlary Türkmenistan tarapyndan baglaşylan we ykrar edilen halkara şertnamalaryna laýyklykda Harby hasap hakyndaky düzgünnama bilen kesgitlenýän tertipde Türkmenistanyň çägindäki harby wekilliklerde harby hasaba goýlup bilner.

**10-njy madda. Raýatlary harby hasaba goýmak**

1. Erkek raýatlary harby hasaba goýmak işini raýatlary harby hasaba goýmak baradaky etrap, etrap hukukly şäher topary raýat 16 ýaşyny doldurmagy bilen, 1-nji ýanwar - 31-nji mart aralygy döwürde amala aşyrýar. Zenan raýatlar harby-hasap hünärini alandan soň olary, şeýle hem Türkmenistanyň raýatlygyny alan adamlary harby hasaba goýmak harby wekillik tarapyndan senenama ýylynyň bütin dowamynda amala aşyrylýar.

2. Raýatlary harby hasaba goýmak baradaky topar etrap, etrap hukukly şäher häkimi tarapyndan aşakdaky düzümde tassyklanylýar:

1) toparyň başlygy - etrap ýa-da etrap hukukly şäher harby wekili;

2) toparyň agzalary - lukman hünärmenler we beýleki hünärmenler;

3) toparyň kätibi.

3. Harby hasaba goýmak baradaky topar raýaty lukmançylyk güwä geçmekden geçirýär hem-de onuň harby gulluga ýaramlylygyny kesgitleýär.

4. Raýatlary harby hasaba goýmak baradaky toparyň başlygy ýa-da kätibi toparyň kabul eden kararyny raýata habar bermäge hem-de onuň harby hasap boýunça borçlaryny düşündirmäge borçludyr.

**11-nji madda. Raýatyň harby hasap boýunça borçlary**

1. Raýat özüniň hemişelik ýa-da wagtlaýyn (üç aýdan artyk) ýaşaýan ýerindäki etrap, etrap hukukly şäher harby wekilliginiň çagyryş haty boýunça gelmäge borçludyr.

Harby gullukdan ýa-da içeri işler edaralaryndan boşadylyp, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň, beýleki goşunlarynyň we harby edaralarynyň ätiýaçlygyna geçirilen raýat harby hasaba goýulmagy baradaky meseleleri boýunça, özüniň ätiýaçlyga geçirilendigi hakyndaky resminamalary alan gününden beýläk iki hepde möhletde öz ýaşaýan ýerindäki etrap, etrap hukukly şäher harby wekilligine gelmäge borçludyr.

2. Harby hasapda durýan raýat özüniň maşgala ýagdaýynyň, ýaşaýan salgysynyň, biliminiň, iş (okuw) ýeriniň we wezipesiniň üýtgändigi hakynda, şeýle

hem işe ýarawlylygynyň uzak wagtlap ýitirilmegine (maýyplyga) getiren keseli hakynda harby hasaby amala aşyrýan degişli edara iki hepde möhletde habar etmäge borçludyr.

3. Harby hasapda durýan raýat hemişelik ýaşamak üçin başga etraba, şähere göçüp giden mahalynda ýa-da 6 aýdan artyk möhlet bilen daşary ýurda giden mahalynda, harby hasapdan çykmaga hem-de täze ýaşaýan ýerine baranda ýa-da daşary ýurtdan dolanyp gelende iki hepde möhletde harby hasaba durmaga borçludyr.

## III bölüm
## RAÝATY HARBY GULLUGA TAÝÝARLAMAK

### 12-nji madda. Raýaty harby gulluga taýýarlamak

1. Raýaty harby gulluga hökmany taýýarlamak aşakdakylary göz öňünde tutýar:

1) goranmak hakynda zerur bilimleri almagy;

2) lukmançylyk güwä geçmegi we barlagyny, zerur bolan wagtynda bolsa, bejeriş-sagaldyş çärelerini geçirmegi.

Raýaty harby gulluga hökmany taýýarlamak harby ýygnanyşyklaryň dowamynda geçirilip bilner.

2. Raýaty harby gulluga meýletin taýýarlamak aşakdakylary göz öňünde tutýar:

1) sportuň harby-amaly görnüşleri bilen meşgullanmagy;

2) kämillik ýaşyna ýetmedik raýatlara harby taýýarlygy öwretmek barada goşmaça bilim beriş maksatnamaly orta okuw mekdeplerinde okatmagy;

3) ýokary okuw mekdeplerinde ätiýaçlykdaky ofiserleri taýýarlamak maksatnamasy boýunça okatmagy.

3. Raýatlary harby gulluga taýýarlamak Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan kesgitlenýän tertipde amala aşyrylýar.

1. 12-nji maddanyň ikinji böleginiň 2-nji bendini şu görnüşde beýan etmeli:

«2) ýöriteleşdirilen harby mekdeplerde okatmagy;» (31.03.2012ý)

### 13-nji madda. Lukmançylyk güwä geçmek barlagyny we bejeriş-sagaldyş çärelerini geçirmek

1. Raýat harby hasaba goýlanda lukmançylyk güwä geçmekden geçirilmäge degişlidir.

2. Raýatyň harby gulluga ýaramlydygy barada ýerinde lukmançylyk netijesini almak mümkin bolmadyk halatynda, raýatlary harby hasaba goýmak baradaky topar ony belli bir möhlet bilen ýerli saglygy goraýyş edarasyna gatnawly ýa-da ýatymlaýyn lukmançylyk barlagyna iberip biler.

3. Zerurlyk ýüze çykan halatynda harby wekillik raýaty raýatlaryň saglygyny goramak hakynda Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda bejeriş-sagaldyş çärelerini geçirmek üçin ýerli saglygy goraýyş edarasyna iberip biler.

**14-nji madda. Kämillik ýaşyna ýetmedik raýatlara harby taýýarlygy öwretmek barada goşmaça bilim beriş maksatnamaly orta okuw mekdeplerinde okatmak**

1. Kämillik ýaşyna ýetmedik erkek raýatlary hemmetaraplaýyn terbiýelemek we harby gulluga taýýarlamak maksady bilen, Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalary esasynda Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň ulgamynda kämillik ýaşyna ýetmedik raýatlara harby taýýarlygy öwretmek barada goşmaça bilim beriş maksatnamaly orta okuw mekdepleri döredilýär.

2. Kämillik ýaşyna ýetmedik raýatlara harby taýýarlygy öwretmek barada goşmaça bilim beriş maksatnamaly orta okuw mekdeplerine ýetim ýa-da ene-atasynyň howandarlygyndan mahrum bolan kämillik ýaşyna ýetmedik erkek raýatlar lukmançylyk güwä geçmegiň hem-de özi bilen geçirilen söhbetdeşligiň netijeleri boýunça, giriş synagy tabşyrmazdan kabul edilýär.

3. Kämillik ýaşyna ýetmedik raýatlara harby taýýarlygy öwretmek barada goşmaça bilim beriş maksatnamaly orta okuw mekdepleri hakynda düzgünnama Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan tassyklanýar.

2. 14-nji maddany şu görnüşde beýan etmeli:

«**14-nji madda. Ýöriteleşdirilen harby mekdeplerde okatmak**

1. Kämillik ýaşyna ýetmedik erkek raýatlary hemmetaraplaýyn terbiýelemek we harby gulluga taýýarlamak maksady bilen Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalary esasynda Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň ulgamynda ýöriteleşdirilen harby mekdepler döredilýär.

2. Ýöriteleşdirilen harby mekdeplere ýetim ýa-da ene-atasynyň howandarlygyndan mahrum bolan kämillik ýaşyna ýetmedik erkek raýatlar lukmançylyk güwä geçmegiň hem-de özi bilen geçirilen söhbetdeşligiň netijesinde, giriş synagy tabşyrmazdan kabul edilýär.

3. Ýöriteleşdirilen harby mekdepler hakyndaky düzgünnama Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan tassyklanýar.».(31.03.2012ý.)

**15-nji madda. Ýokary okuw mekdeplerinde ätiýaçlykdaky ofiserleri taýýarlamak maksatnamasy boýunça okatmak**

1. Ýokary okuw mekdebinde okaýan, saglyk ýagdaýyna görä harby gulluga ýaramly hem-de bellenilen talaplara laýyk gelýän, şol okuw mekdebini tamamlaýan

pursadyna çenli 27 ýaşy dolmadyk raýatyň görkezilen ýokary okuw mekdebiniň ýanyndaky harby kafedrada ätiýaçlykdaky ofiserleri taýýarlamak maksatnamasy boýunça harby okuwy geçmäge hukugy bardyr.

2. Raýatlary ýokary okuw mekdepleriniň ýanyndaky harby kafedralarda ätiýaçlykdaky ofiserleri taýýarlamak maksatnamalary boýunça okatmak Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilýän tertipde guralýar.

Ätiýaçlykdaky ofiserleri taýýarlamak maksatnamalary zenan raýatlaryň hem harby okuwy okamagyny göz öňünde tutup biler.

3. Ýokary okuw mekdepleri harby kafedrany zerur otaglar bilen üpjün edýär, şeýle hem Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň ýardam etmegi bilen hem-de şonuň serişdeleriniň hasabyna zerur okuw-maddy binýadyny döredýär.

Türkmenistanyň Goranmak ministrligi ýokary okuw mekdepleriniň harby kafedralary üçin mugallymlary toplamak işini geçirýär.

4. Ätiýaçlykdaky ofiserleri taýýarlamak maksatnamasynda göz öňünde tutulan okuw ýygnanyşyklary (goşunda tälim almak) harby ýygnanyşyklar diýlip hasap edilýär.

**16-njy madda. Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň raýatlary harby gulluga taýýarlamaga gatnaşmagy**

Türkmenistanyň Goranmak ministrligi:

1) harby hasap hünärleriň we sportuň harby-amaly görnüşleriniň sanawlaryny işläp taýýarlaýar;

2) Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi bilen bilelikde borçnama boýunça harby gulluga girýän we harby gulluga çagyrylýan raýatlaryň saglyk ýagdaýy barada bildirilýän talaplary işläp taýýarlaýar;

3) raýatlary harby gulluga taýýarlamagyň döwlet bilim beriş maksatnamalaryny we usulyýetini işläp taýýarlaýar;

4) şertnama esasynda raýatlary harby gulluga taýýarlamagy amala aşyrýan okuw mekdeplerini, edaralary, guramalary döretmäge, maliýeleşdirmäge we maddy-tehniki taýdan enjamlaşdyrmaga gatnaşýar.

## IV bölüm
## RAÝATLARY HARBY GULLUGA ÇAGYRMAK

**17-nji madda. Harby gulluga çagyrylmaga degişli raýatlar**

1. Ýaşy 18-den 27-ä çenli bolan, harby gulluga çagyryşdan boşamak ýa-da harby gulluga çagyryş möhletini yza süýşürmek hukugy bolmadyk erkek raýat harby gulluga çagyrylmaga degişlidir.

Raýaty harby gulluga çagyrmak hakynda çözgüt ol 18 ýaşyny dolduranyndan soň kabul edilip bilner.

2. Şu Kanuna laýyklykda harby gulluga çagyryşdan boşamak ýa-da çagyryş möhletini yza süýsürmek hukugy bolan ýa-da harby gulluga çagyryşa ýaramly däl diýlip ykrar edilen raýatlar harby gulluga çagyryşa degişli däldirler.

3. Harby gullugy geçmedik, ýokary okuw mekdeplerini tamamlan hem-de ofiser harby ady dakylyp, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň, beýleki goşunlarynyň we harby edaralarynyň ätiýaçlygyna geçirilen raýatlary harby gulluga çagyrmak şu Kanuna hem-de Borçnama boýunça harby gullugy geçmegiň tertibi hakyndaky düzgünnama laýyklykda amala aşyrylýar.

4. Raýatlar Türkmenistanyň Prezidentiniň degişli namalarynyň esasynda harby gulluga çagyrylýarlar.

**18-nji madda. Raýatlary harby gulluga çagyryşdan boşatmak**

Aşakda görkezilen raýatlar harby gulluga çagyryşdan boşadylmaga degişlidirler:

1) saglyk ýagdaýy boýunça bellenilen tertipde harby gulluga ýaramly däl diýlip ykrar edilenler;

2) harby gullugy geçenler;

3) başga döwletiň ýaragly güýçlerinde harby gullugy ýa-da onuň başga görnüşini geçenler;

4) uly bolmadyk agyr jenaýaty edendigi üçin iki gezek iş kesilenler ýa-da ortaça agyr jenaýaty, agyr ýa-da aýratyn agyr jenaýaty edendigi üçin iş kesilenler;

5) Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde tassyklanylan alymlyk derejesi bolan raýatlar;

6) harby gulluk ýa-da harby ýygnanyşyklar döwründe harby gulluk borçlaryny ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly aradan çykanyň ogullary (süýtdeş doganlary);

7) harby gullugy ýa-da harby ýygnanyşyklary geçen döwründe özleriniň harby gullugy geçmegi bilen baglanyşykly maýyp bolanyň ýa-da ýaralanyp, synasyna şikes ýetip, seňse bolup kesele ýolukmagy netijesinde harby gullukdan boşan (harby ýygnanyşyklar tamamlanan) gününden soň bir ýylyň dowamynda aradan çykanyň ogullary (süýtdeş doganlary).

**19-njy madda. Raýatlary harby gulluga çagyryş möhletini yza süýşürmek**

1. Şu raýatlaryň harby gulluga çagyryş möhleti yza süýşürilýär:

1) saglyk ýagdaýyna görä harby gulluga wagtlaýyn ýaramly däl diýlip ykrar edilenlere - bir ýyla çenli möhlet bilen.

Şeýle esas bilen üç ýylyň dowamynda harby gulluga çagyryş möhleti yza süýşürilen raýat Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň, beýleki goşunlarynyň we harby edaralarynyň ätiýaçlygyna geçirilýär;

2) kakasyna, ejesine, aýalyna, süýtdeş doganyna, süýtdeş uýasyna, atasyna, enesine, mamasyna, babasyna, perzentlige ýa-da hossarlyga alanlara hemişelik ideg etmek bilen meşgullanýan adamlar, eger görkezilen raýatlara kanun boýunça ekläp-

saklamaga we olar hakda alada etmäge borçly bolan başga adamlar bolmasa (durmuşa çykyp, aýratyn ýaşaýan süýtdeş uýalary muňa degişli däl), şeýle hem olar doly döwlet üpjünçiliginde bolmasalar we hemaýata mätäçligi anyklaýyş toparynyň netijenamasyna laýyklykda kesekiniň hemişelik seretmegine (kömegine, gözegçiligine) mätäçlik çekseler ýa-da I we II topardaky maýyplar bolsa ýa-da umumy esaslarda pensiýa bellemek üçin ýaşyna (erkekler - 62 ýaş, aýallar - 57 ýaş) ýetse ýa-da 18 ýaşa ýetmedik bolsa;

3) Türkmenistanyň we daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdepleriniň (internaturalar, aspiranturalar, doktoranturalar muňa girmeýär), orta hünär okuw mekdepleriniň gündizki bölüminde okaýan raýatlara, eger olar öň şeýle okuw mekdeplerinde okamadyk bolsalar - okuwyň möhletine barabar, ýöne olar 26 ýaşdan geçmeli däl;

4) iki we şondan köp çagasy ýa-da maýyp çagasy bolanlara;

5) ejesiz terbiýelenýän çagasy bolanlara;

6) özi barada jenaýat işi gozgalan raýatlara - şol iş boýunça gutarnykly çözgüt çykarylýança;

7) beýleki aýratyn ýagdaýlarda - Türkmenistanyň Goranmak ministriniň çagyryş toparynyň teklibi boýunça kabul eden çözgüdi esasynda.

2. Şu maddanyň 1-nji böleginde görkezilen raýatlardan başga-da, şu raýatyň harby gulluga çagyryş möhletiniň yza süýşürilmegine hukugy bardyr:

1) Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlygyna saýlanan - ygtyýarlyklarynyň möhletine barabar;

2) ýokary pedagogik bilimi bolup, döwlet edarasynyň ýollama haty bilen obadaky orta okuw mekdebinde pedagogik wezipede işleýän - işlän döwrüne barabar;

3) 16 ýaşa ýetmedik iki we şondan-da köp çagasy bar bolan ýa-da çagalygyndan maýyp, I ýa-da II topar maýyp çagasy bolan ýalňyz zähmet çekmäge ukypl ene-atasy (kakasy ýa-da ejesi) bolan - eger kanun boýunça ekläp-saklamaga we olar barada alada etmäge borçly bolan başga zähmete ukyply adam bolmasa.

3. Şu maddanyň 1-nji böleginiň 1, 2, 5 we 6 bentlerinde we ikinji böleginiň 1, 2 bentlerinde göz öňünde tutulan esaslar boýunça harby gulluga çagyryş möhletini yza süýşürmek ofiser harby adyny dakmak bilen ätiýaçlyga geçirilen raýatlara hem degişlidir.

4. Türkmenistanyň Prezidentiniň namalary bilen harby gulluga çagyryş möhleti yza süýşürilmek hukugy beýleki raýatlara hem berlip bilner.

**20-nji madda. Raýatlary harby gulluga çagyrmagyň möhletleri**

1. Raýatlary harby gulluga çagyrmak çäreleri Türkmenistanyň Prezidentiniň namalary esasynda ýylda iki gezek - 1-nji aprelden 30-njy iýuna çenli hem-de 1-nji oktýabrdan 31-nji dekabra çenli aralykda geçirilýär.

2. Ofiser harby ady dakylmak bilen ätiýaçlyga geçirilen raýatlaryň harby gulluga çagyrylmagy Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynda bellenilen möhletlerde

amala aşyrylýar.

### 21-nji madda. Raýatlary harby gulluga çagyrmagy guramak

1. Raýatlary harby gulluga çagyrmagy etrap, etrap hukukly şäher, welaýat, welaýat hukukly şäher häkimi degişli harby wekil bilen bilelikde guraýar.

2. Raýatlary harby gulluga çagyrmagyň tertibi şu Kanun bilen hem-de Raýatlary harby gulluga çagyrmak hakynda düzgünnama esasynda kesgitlenilýär.

### 22-nji madda. Etrap, etrap hukukly şäher çagyryş topary

Raýatlary harby gulluga çagyrmagy guramak we geçirmek barada etrap, etrap hukukly şäher häkiminiň karary esasynda aşakdaky düzümden ybarat bolan çagyryş topary döredilýär:

1) etrap, etrap hukukly şäher harby wekili - toparyň başlygy;

2) etrap, etrap hukukly şäheriň häkimliginiň wekili - toparyň başlygynyň orunbasary;

3) çagyryş toparynyň kätibi;

4) harby gulluga çagyrylýan raýatlaryň lukmançylyk güwä geçmesine ýolbaşçylyk edýän lukman;

5) etrap, etrap hukukly şäher içeri işler edarasynyň wekili;

6) etrap, etrap hukukly şäher prokuraturasynyň wekili.

Çagyryş toparynyň düzümine beýleki ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, edaralaryň we kärhanalaryň wekilleri hem goşulyp bilner.

### 23-nji madda. Etrap, etrap hukukly şäher çagyryş toparynyň borçlary we işleýiş tertibi

1. Etrap, etrap hukukly şäher çagyryş toparynyň üstüne harby gulluga çagyrmaga degişli raýaty lukmançylyk güwä geçmesini guramak hem-de şol raýat barada aşakdaky çözgütleriň birini kabul etmek borjy ýüklenilýär:

1) harby gulluga çagyrmak hakynda;

2) harby gulluga çagyryş möhletini yza süýşürmek hakynda;

3) harby gulluga çagyryşdan boşatmak hakynda;

4) ätiýaçlyga geçirmek hakynda;

5) harby borçlulykdan boşatmak hakynda.

Ofiser harby ady dakylyp, ätiýaçlyga geçirilen raýatlary harby gulluga çagyrmak bilen bagly borçlar etrap, etrap hukukly şäher harby wekiliniň üstüne ýüklenilýär.

2. Raýat harby gulluga çagyryşdan boýun gaçyran halatynda çagyryş topary ýa-da harby wekil degişli resminamalary derňew edaralaryna iberýär.

3. Çagyryş topary raýaty harby gulluga çagyrmak hakynda çözgüt kabul edende şol raýatyň harby gullugy Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň goşunlarynyň ýa-da

beýleki goşunlaryň haýsy görnüşinde, haýsy kysymynda, haýsy harby düzümde geçmelidigini kesgitleýär.

Etrap, etrap hukukly şäher çagyryş topary öz çözgütlerini şu Kanun, Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary hem-de Raýatlary harby gulluga çagyrmak hakynda düzgünnama esasynda kabul edýär. Etrap, etrap hukukly şäher çagyryş topary raýat barada kabul edilen çözgüdi şol raýata mälim edýär .

Raýatyň talaby boýunça, oňa özi barada çagyryş toparynyň kabul eden çözgüdiniň göçürmesi bellenilen tertipde berilýär.

4. Etrap, etrap hukukly şäher çagyryş toparynyň üstüne harby okuw mekdeplerine okuwa girmäge isleg bildiren raýatlaryň lukmançylyk güwä geçmesini guramak we olary bäsleşikli giriş synaglaryna ýollamak (ýollamakdan ýüz döndermek) hakynda çözgütleri kabul etmek borçlary hem ýüklenilýär.

5. Etrap, etrap hukukly şäher çagyryş toparynyň çözgüdi raýat tarapyndan on gün möhletde welaýat, welaýat hukukly şäher çagyryş toparyna ýa-da kazyýete şikaýat edilip bilner.

Raýatyň şikaýaty welaýat, welaýat hukukly şäher çagyryş toparyna gelip gowşan gününden soň, bäş günüň içinde seredilmelidir.

Çagyryş toparynyň çözgüdi barada şikaýat edilmegi şol çözgüdiň ýerine ýetirilmegini togtatmaýar.

**24-nji madda. Welaýat, welaýat hukukly şäher çagyryş topary**

1. Welaýat, welaýat hukukly şäher häkiminiň karary bilen aşakdaky düzümden ybarat bolan welaýat, welaýat hukukly şäher çagyryş topary döredilýär:

1) welaýat, welaýat hukukly şäher harby wekili - toparyň başlygy;

2) welaýat, welaýat hukukly şäher hakimliginiň wekili - toparyň başlygynyň orunbasary;

3) çagyryş toparynyň kätibi;

4) harby gulluga çagyrylýan raýatlaryň lukmançylyk güwä geçmesine gatnaşýan hünärmen-lukmanlar;

5) welaýat, welaýat hukukly şäher içeri işler edarasynyň wekili;

6) welaýat, welaýat hukukly şäher prokuraturasynyň wekili;

7) Türkmenistanyň Döwlet serhet gullugynyň wekili.

Çagyryş toparynyň düzümine beýleki ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, edaralaryň we kärhanalaryň wekilleri hem goşulyp bilner.

2. Welaýat, welaýat hukukly şäher çagyryş topary:

1) harby gulluga çagyrylan raýatlaryň gulluk etmeli ýerine ugradylmazyndan öň, lukmançylyk gözden geçirişini geçirmegi, saglyk ýagdaýyna görä harby gulluga çagyryş möhleti yza süýşürilen ýa-da boşadylan raýatlary, şeýle hem saglyk ýagdaýyna görä harby gulluga ýaramlylygy ýa-da ýaramsyzlygy hakynda etraplaryň, etrap hukukly şäherleriň çagyryş toparlarynyň çykaran çözgüdi bilen ylalaşmaýan raýatlary gözegçilik (gaýtadan) lukmançylyk güwä geçmesini guraýar;

2) etrap, etrap hukukly şäher çagyryş toparlarynyň işine usuly ýolbaşçylygy amala aşyrýar;

3) raýatlaryň harby gulluga çagyryş möhletiniň yza süýşürilmeginiň we harby gulluga çagyryşdan boşadylmagynyň kanunylygyny barlaýar;

4) raýatlaryň Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň goşunlarynyň ýa-da beýleki goşunlaryň görnüşlerinde, harby düzümlerde harby gullugy geçmek üçin iberilmeginiň esaslydygyna gözegçilik edýär;

5) etrap, etrap hukukly şäher çagyryş toparlarynyň hereketi barada harby gulluga çagyrylýan raýatlardan gelen şikaýatlara garaýar.

3. Welaýat, welaýat hukukly şäher çagyryş toparlarynyň etrap, etrap hukukly şäher çagyryş toparlarynyň çözgütlerine täzeden seretmäge hem-de olary ýatyrmaga hukugy bardyr.

Welaýat, welaýat hukukly şäher çagyryş toparynyň çözgüdi raýatlar tarapyndan Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde kazyýete şikaýat edilip bilner.

4. Welaýat, welaýat hukukly şäher çagyryş toparynyň çözgüdi barada şikaýat edilmegi şol çözgüdiň ýerine ýetirilmegini togtatmaýar.

**25-nji madda. Harby gulluga çagyrylmaga degişli raýatlaryň saglyk ýagdaýyna lukmançylyk güwä geçmesi**

1. Harby gulluga çagyrylmaga degişli raýatlaryň lukmançylyk güwä geçmesi lukman hünärmenler tarapyndan amala aşyrylýar.

Harby gulluga çagyrylmaga degişli raýatlaryň harby gulluga ýaramlylygyny ýerinde kesgitlemek mümkin bolmasa ýa-da rayatyň saglygyny gatnawly (ýatymlaýyn) şertlerinde barlamak we bejermek zerur bolsa, etrap, etrap hukukly şäher, welaýat, welaýat hukukly şäher çagyryş toparlary raýatlary ýerli bejeriş-öňüni alyş edaralaryna (hassahanalara, saglyk öýlerine) iberýär.

2. Harby gulluga çagyrylmaga degişli raýatyň lukmançylyk güwä geçmesiniň netijesinde harby gulluga ýaramlylyk derejesi boýunça aşakdaky netijenamalaryň biri çykarylýar:

1) harby gulluga ýaramly;

2) harby gulluga wagtlaýyn ýaramly däl;

3) parahatçylyk döwründe harby gulluga ýaramly däl, harby döwürde nyzamly däl gulluga ýaramly;

4) harby hasapdan aýyrmak bilen, harby gulluga ýaramly däl.

3. Saglyk ýagdaýynyň lukmançylyk güwä geçmesini guramagyň we geçirmegiň tertibi Türkmenistanyň Goranmak ministri hem-de Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministri tarapyndan tassyklanylýan Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerinde lukmançylyk güwä geçmesi hakynda düzgünnama bilen kesgitlenýär.

**26-njy madda. Harby gulluga çagyrylmagy bilen baglanyşykly raýatlaryň we wezipeli adamlaryň borçlary**

1. Harby gulluga çagyryşa degişli raýat (şol sanda dürli sebäpler bilen saparda bolýan çagyryşa degişli raýat bir aý möhletiň içinde) ýaşaýan ýeri boýunça harby wekilligiň çagyrmagy esasynda lukmançylyk güwä geçmesine, çagyryş toparynyň mejlisine gelmäge hem-de harby wekiliň çagyryş haty esasynda harby gulluga gitmek üçin gelmäge borçludyr.

2. Kärhananyň, edaranyň, guramanyň wezipeli adamlary harby wekilligiň çagyrmagy boýunça harby gulluga çagyrylýan raýatyň (şol sanda iş saparyndaky raýatyň) öz wagtynda gelmegini üpjün etmäge borçludyr.

3. Okuwyny dowam etdirmek üçin harby gulluga çagyryş möhleti yza süýşürilen (şol sanda daşary ýurtlaryň okuw mekdeplerinde okaýan) raýatlar 27 ýaşy dolýança harby gulluga çagyryş meselesi bilen baglylykda harby wekilligiň çagyrmagy esasynda harby wekillige gelmäge borçludyr.

Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky ilçihanalary (konsullyklary) daşary ýurtlarda wagtlaýyn ýaşaýan we 18 ýaşy dolan Türkmenistanyň erkek raýatlarynyň hemişelik ýaşaýan ýerleri boýunça harby wekilliklere gelmeklerini üpjün etmelidirler.

**27-nji madda. Raýatlary mobilizasiýa boýunça we harby döwürde harby gulluga çagyrmak**

Raýatlary mobilizasiýa boýunça we harby döwürde harby gulluga çagyrmagyň tertibi "Türkmenistanda mobilizasion taýýarlygy we mobilizasiýa hakynda", "Goranmak hakynda" Türkmenistanyň Kanunlary hem-de Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary esasynda bellenýär.

## V bölüm
## RAÝATLARYŇ BORÇNAMA BOÝUNÇA HARBY GULLUGA GIRMEGI

**28-nji madda. Raýatlaryň borçnama boýunça harby gulluga girmegi**

l. Borçnama boýunça harby gulluga şular girip bilerler:

1) çagyryş boýunça harby gullugy geçen raýatlar;

2) ätiýaçlykda bolýan raýatlar;

3) ýokary okuw mekdebini tamamlan, ätiýaçlykda bolmaýan raýatlar;

4) Türkmenistanyň Prezidentiniň namalaryna laýyklykda beýleki raýatlar.

2. Erkek we zenan raýatlar 20 ýaşdan 30 ýaşa çenli harby gulluga girip bilerler.

Gulluk zerurlygy bilen baglanyşykly aýratyn halatlarda, hünärmenler hökmünde Türkmenistanyň Goranmak ministriniň hem-de kanun boýunça harby gulluk göz öňünde tutulan beýleki ministrlikleriň ýa-da pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň ýolbaşçylarynyň razylygy bilen 30 ýaşdan geçen (şu Kanunyň 47-nji maddasynyň 1-nji we 2-nji böleklerinde kesgitlenen harby gullukda bolmagyň aňryçäk ýaşyna çenli)

ätiýaçlykda bolýan raýatlar, şol sanda öň borçnama boýunça harby gullugy geçenler harby gulluga alnyp bilner.

**29-njy madda. Raýatlaryň borçnama boýunça harby gulluga girmeginiň tertibi**

1. Raýatlaryň határyndan borçnama boýunça harby gulluga girmek üçin dalaşgärleri seçip almak bilen baglanyşykly çäreler Borçnama boýunça harby gullugy geçmegiň tertibi hakynda düzgünnamada bellenilen tertipde harby wekillikler, harby bölümler we harby edaralar tarapyndan amala aşyrylýar.

2. Raýatlaryň borçnama boýunça harby gulluga girýänler üçin bildirilýän talaplara laýyk gelýändigini kesgitlemek üçin hünär synag topary döredilýär.

Hünär synag toparlarynyň iş tertibi Türkmenistanyň Goranmak ministri (kanun boýunça harby gulluk göz öňünde tutulan beýleki ministrlikleriň ýa-da pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň ýolbaşçylary) tarapyndan kesgitlenilýär.

Dalaşgärleri seçip almak boýunça işe seçilip alynýan harby bölümleriň wekilleri hem gatnaşyp bilerler.

Dalaşgärleri seçip almak boýunça harby wekillikleriň toparlarynyň we harby bölümleriň hünar synag toparlarynyň çözgütleri degişlilikde etrap, etrap hukukly şäher harby wekilleri we harby bölümleriň serkerdeleri tarapyndan tassyklanylýar.

3. Dalaşgäri borçnama boýunça harby gulluga kabul etmekden ýüz döndermek üçin aşakdakylar esas bolup biler:

1) Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerinde, beýleki goşunlarynda, harby edaralarynda dalaşgäriň taýýarlyk ugruna ýa-da onuň alan harby-hasap hünärine laýyk gelýän boş harby wezipäniň bolmazlygy;

2) seçip alyş bäsleşiginiň jemlerine görä, harby bölümiň hünar synag toparynyň harby gulluga başga dalaşgäri kabul etmek hakynda çözgütleri;

3) harby wekilligiň dalaşgärleri seçip almak baradaky toparynyň ýa-da harby bölümiň hünar synag toparynyň dalaşgäriň harby gulluga girýänler üçin şu Kanunda bellenilen talaplara laýyk gelmeýändigi hakynda çözgüdi.

4. Borçnama boýunça harby gulluga aşakdaky raýatlar kabul edilip bilinmez:

1) özleri barada aýyplaw hökümi çykarylanlar we bellenen jezany çekýänler;

2) özleri barada anyklaýyş ýa-da deslapky derňew işleri geçirilýänler ýa-da jenaýat işi kazyýetde seredilýänler;

3) günä geçme ýa-da rehim etme namasy esasynda özleri barada jenaýat işi ýatyrylanlar ýa-da azatlykdan mahrum etmek bilen bagly bolmadyk jezadan boşadylanlar - jenaýat işi ýatyrylandan ýa-da jezadan boşadylandan soň, bir ýylyň dowamynda;

4) aýrylmadyk ýa-da öz-özünden aýrylmadyk iş kesilenlik aýyby bolanlar;

5) azatlykdan mahrum edilmek görnüşindäki jezany çekenler.

5. Özüni borçnama boýunça harby gulluga kabul etmekden ýüz dönderilen halatynda, raýatyň şol çözgüt barada ýokary edara ýa-da kazyýete şikaýat etmäge

hukugy bardyr.

6. Özleri babatynda borçnama boýunça harby gulluga kabul etmek barada çözgüt kabul edilen raýatlar harby gullugy geçmek barada borçnama berýärler.

7. Borçnama boýunça harby gulluga dalaşgärleriň hünär synagyndan geçendigi barada gutarnykly çözgüt Türkmenistanyň Goranmak ministri (kanun boýunça harby gulluk göz öňünde tutulan beýleki ministrlikleriň ýa-da pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň ýolbaşçylary) tarapyndan çykarylýar we bu ugurda Türkmenistanyň kanunçylygynyň talaplarynyň berjaý edilmegi olaryň üstüne ýüklenilýär.

**30-njy madda. Borçnama boýunça harby gulluga girýän raýatlara bildirilýän talaplar**

1. Borçnama boýunça harby gulluga girýän raýat Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerinde lukmançylyk güwä geçmek hakyndaky düzgünnama laýyklykda lukmançylyk güwä geçmesine degişlidir. Lukmançylyk güwä geçmesiniň görkezen netijelerine görä raýatyň borçnama boýunça harby gulluga ýaramlylygy hakynda çözgüt kabul edilýär.

2. Borçnama boýunça harby gulluga girýän raýat aşakda bellenilen talaplara laýyk gelmelidir:

1) umumy bilim derejesi boýunça;

2) hünär taýýarlyk derejesi boýunça;

3) ruhy-ahlak häsiýetleri boýunça;

4) beden taýýarlygynyň kadalaryny ýerine ýetirmek boýunça.

Ýokarda görkezilen talaplar we kadalar Türkmenistanyň Goranmak ministri (kanun boýunça harby gulluk göz öňünde tutulan beýleki ministrlikleriň ýa-da pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň ýolbaşçylary) tarapyndan bellenilýär.

3. Borçnama boýunça harby gulluga girýän raýatlar babatda zerur halatlarda Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde döwlet syryny düzýän maglumatlara degişli ygtyýarlyk resmileşdirilýär.

**31-nji madda. Borçnama boýunça harby gulluga girýän raýatlaryň hünär synagy**

1. Borçnama boýunça harby gulluga girýän raýatlaryň (ýokary harby okuw mekdepleriniň talyplaryna we diňleýjilerine degişli däl) harby gullukçylaryň umumy, wezipe we ýörite borçlaryny kesgitleýän Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň harby tertipnamalarynyň, Türkmenistanyň kanunlarynyň we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň talaplaryna laýyklygyny barlamak maksady bilen olar üçin hünär synagy bellenilip bilner.

2. Borçnama boýunça harby gulluga girýän raýatlaryň hünär synagyndan geçirilmegi Borçnama boýunça harby gullugy geçmegiň tertibi hakynda düzgünnama bilen kesgitlenilýär.

**32-nji madda. Raýatlaryň ýokary harby okuw mekdeplerine girmegi**

1. Ýokary harby okuw mekdeplerine aşakdaky raýatlaryň girmäge hukugy bardyr:

1) orta bilimli, çagyryş boýunça harby gullugy geçen raýatlar - 24 ýaşy dolýança;

2) kämillik ýaşyna ýetmedik raýatlara harby taýýarlygy öwretmek boýunça goşmaça bilim beriş maksatnamaly orta okuw mekdebini tamamlan raýatlar - 25 ýaşy dolýança;

3) şu Kanunyň 18-nji maddasynyň 6 we 7 bentleri esasynda çagyryş boýunça harby gullukdan boşadylyp, ätiýaçlykda bolýan raýatlar - 24 ýaşy dolýança;

4) orta bilimli, 17 ýaşdan 21 ýaş aralygyndaky zenanlar;

5) borçnama boýunça harby gullugy geçýän harby gullukçylar - Türkmenistanyň Goranmak ministri (kanun boýunça harby gulluk göz öňünde tutulan beýleki ministrlikleriň ýa-da pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň ýolbaşçylary) tarapyndan kesgitlenýän tertipde.

Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň harby taýýarlygy öwretmek barada goşmaça bilim beriş maksatnamaly orta okuw mekdebini tamamlan raýatlar ýokary harby okuw mekdeplerine okuwa girmekde ýeňilliklerden peýdalanýarlar. Ýeňillikleriň görnüşleri we olaryň berilmeginiň tertibi ýokary harby okuw mekdepleri hakyndaky düzgünnamalarda kesgitlenilýär.

Ýokary harby okuw mekdeplerine girmegiň tertibine degişli üýtgetmeler Türkmenistanyň Prezidentiniň namalary bilen girizilýär.

2. Ýokary harby okuw mekdeplerine girýän raýatlar borçnama boýunça harby gulluga girýän raýatlar üçin bellenilen talaplara laýyk gelmelidir.

3. Ýokary harby okuw mekdeplerine kabul edilen raýatlar şu Kanunda, Borçnama boýunça harby gullugy geçmegiň tertibi hakyndaky düzgünnamada we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda kesgitlenýän tertipde harby talyplaryň, diňleýjileriň wezipelerine ýa-da beýleki wezipelere bellenýärler.

Ýokary harby okuw mekdeplerinde okaýan talyplara çagyryş boýunça harby gullugy geçýän harby gullukçylaryň derejesi berilýär.

4. Ýokary harby okuw mekdebine kabul edilen erkek raýatlar ýokary harby okuw mekdebiniň birinji ýylyny tamamlanlaryndan soň, harby gullugy geçmek hakyndaky borçnamany berýärler.

Ýokary harby okuw mekdebine kabul edilen zenan raýatlar 18 ýaşynyň dolmagy bilen, ýokary harby okuw mekdebiniň birinji ýylyny tamamlanlaryndan soň, harby gullugy geçmek hakyndaky borçnamany berýärler. Borçnamada olaryň harby gulluga meýletin girendikleri berkidilýär.

Borçnama boýunça harby gullugy geçýän harby gullukçylar ýokary harby okuw mekdeplerine kabul edilenlerinde olaryň öň beren borçnamalary boýunça harby gullugy dowam edýärler.

5. Ýokary harby okuw mekdeplerine kabul edilmedik borçnama boýunça harby gullukçylar Borçnama boýunça harby gullugy geçmegiň tertibi hakyndaky düzgünnamada kesgitlenilen tertipde harby gullugy geçmegi dowam etdirmek üçin ýollanýarlar.

6. Ýokary harby okuw mekdepleriniň okuw maksatnamalary okaýanlaryň harby we raýat hünarlerini almagyny nazarda tutmalydyr. Olaryň sanawy Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan tassyklanylýar.

7. Borçnama boýunça harby gullugy geçmek hakyndaky borçnamany bermekden ýüz dönderen harby gullukçylar ýokary harby okuw mekdeplerinden çykarylýarlar.

3. 32-nji maddanyň birinji böleginde:

2-nji bendinde «kämillik ýaşyna ýetmedik raýatlara harby taýýarlygy öwretmek boýunça goşmaça bilim beriş maksatnamaly orta okuw mekdebini» diýen sözleri «ýöriteleşdirilen harby mekdebi» diýen sözlere çalşyrmaly. (31.03.2012ý)

ýedinji tesiminde «Kämillik ýaşyna ýetmedik raýatlara harby taýýarlygy öwretmek boýunça goşmaça bilim beriş maksatnamaly orta okuw mekdebini» diýen sözleri «Ýöriteleşdirilen harby mekdebi» diýen sözlere çalşyrmaly. (31.03.2012ý).

## VI bölüm
## HARBY GULLUK

### 33-nji madda. Harby gulluk. Harby gullukçylar

1. Harby gulluk - harby gullukçylaryň Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerindäki, beýleki goşunlaryndaky we harby edaralaryndaky döwlet gullugynyň aýratyn görnüşidir.

2. Harby gullugy geçýän raýat harby gullukçy bolup durýar. Raýatlar tarapyndan harby gullugy geçmek çagyryş boýunça, şeýle hem meýletin esasda borçnama boýunça amala aşyrylýar.

3. Harby gullukçylar hakyndaky maglumatlar olaryň şahsy işlerine we harby hasap resminamalaryna girizilýär, olaryň ýöredilişi we saklanylyşy Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynda bellenilen tertipde amala aşyrylýar.

4. Harby gullukçylaryň hukuklary, borçlary hem jogapkärçiligi Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilýär, olaryň durmuş taýdan goraglylygy döwlet tarapyndan kepillendirilýär.

5. Parahatçylyk döwründe raýatlaryň harby gullugy geçmeginiň tertibi şu Kanun, Borçnama boýunça harby gullugy geçmegiň tertibi hakyndaky düzgünnama hem-de

Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň harby tertipnamalary bilen kesgitlenilýär. Borçnama boýunça harby gulluga giren raýatlaryň hukuk statusy Türkmenistanyň kanunçylygy bilen kesgitlenilýär.

Raýatlaryň beýleki goşunlarda we edaralarda harby gullugy geçmeginiň aýratynlyklary olaryň işini düzgünleşdirýän Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen kesgitlenýär.

Mobilizasiýa boýunça we harby döwürde harby gullugy geçmegiň aýratynlyklary Türkmenistanyň kanunçylygy bilen kesgitlenilýär.

**34-nji madda. Harby gulluk borçlaryny ýerine ýetirmek**

l. Harby gullukçylaryň, şeýle hem harby ýygnanyşyklary geçýän raýatlaryň harby gulluk borçlaryny ýerine ýetirmegi diýlip aşakdakylar hasap edilýär:

1) söweş hereketlerine gatnaşmak, adatdan daşary we harby ýagdaýlaryň şertlerinde, şeýle hem ýaragly çaknyşyklar şertlerinde wezipeleri ýerine ýetirmek;

2) harby wezipe borçlaryny ýerine ýetirmek;

3) söweşjeň nobatçylygy, söweşjeň gullugy alyp barmak, garnizon we gije-gündizleýin nobatçylygyň düzüminde borçlary ýerine ýetirmek;

4) harby tälimlere we gämileriň ýörişlerine gatnaşmak;

5) serkerdäniň (başlygyň) beren buýrugyny, görkezmesini ýa-da goýan wezipesini ýerine ýetirmek;

6) gulluk wagtynyň gün tertibi bilen bellenilen wagtyň dowamynda ýa-da gulluk zerurlygy talap edýän başga wagtda harby bölümiň çäginde bolmak;

7) gulluk saparynda bolmak;

8) gulluk ýerine gitmek we yzyna gaýtmak;

9) bejergide bolmak, keselini bejerdýän ýerine gitmek we yzyna gaýtmak, şeýle-de rugsada gitmek we rugsatdan gaýtmak;

10) harby ýygnanyşyklary geçmek;

11) ýesirlikde (ýesirlige meýletin düşmek halatlary muňa girmeýär), girew alnan ýa-da internirlenen (erkinligi çäklendirilen) ýagdaýda bolmak;

12) kanunda bellenilen tertipde harby gullukçy nam-nyşansyz giden diýlip ykrar edilýänçä ýa-da ölen diýlip yglan edilýänçä nam-nyşansyz gitmek;

13) şahsyýetiň janyny, saglygyny, namysyny we mertebesini goramak barada harby gullukçynyň eden hereketleri;

14) kanunçylygy we hukuk tertibini üpjün etmekde hukuk goraýjy edaralara kömek etmek;

15) tebigy betbagtçylyklaryň, heläkçilikleriň we weýrançylyklaryň öňüni almaga we ýetiren zyýanly netijelerini ýok etmäge gatnaşmak;

16) harby gullugy bilen baglylykda harby gullukçynyň janyna kast edilen halatynda;

17) harby gullukçynyň şahsyýetiň, jemgyýetiň we döwletiň bähbitleri üçin eden beýleki hereketleri.

2. Harby gullukçynyň ýa-da harby ýygnanyşyklary geçýän raýatyň aşakda görkezilen ýagdaýlaryň netijesinde wepat bolmagy (aradan çykmagy), zeper almagy (ýaralanmagy, şikes almagy, seňse bolmagy) ýa-da kesele ýolukmagy harby gulluk borçlaryny ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly däl diýlip hasap edilýär:

1) şu maddanyň birinji böleginiň 11, 12, 13, 14, 15, 16 we 17 bentlerinde göz öňünde tutulanlardan başga ýagdaýlarda harby bölümiň ýerleşýän ýeriniň ýa-da harby bölümiň çäklerinden daşarda harby gullugy geçmek üçin kesgitlenilen ýeriň daşynda özbaşdak bolmagy;

2) spirtli içgileri, neşe serişdeleri, seri dumanladyjy ýa-da zäherli maddalary ulanmagy netijesinde özüni serhoş ýagdaýa meýletin getirmegi;

3) harby bölümiň çaginiň daşynda dynç alyşda, gysga wagtlaýyn rugsatda we rugsatda bolmagy;

4) bellenilen tertipde jemgyýete howply diýlip ykrar edilen etmişi etmegi;

5) ýarawsyzlyk ýa-da özüni öldürmäge getiren sebäpli ýagdaýlar bolmazdan, öz-özüni öldürmegi ýa-da öz-özüni öldürmäge kast etmegi.

3. Harby gullukça harby gulluga dahyly bolmadyk ýa-da kanunyň bozulmagyna gönükdirilen buýruklar we görkezmeler berlip, wezipeler goýlup bilinmez.

Şeýle buýruklary we görkezmeleri beren serkerdeler (başlyklar) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilige çekilýärler.

### 35-nji madda. Harby gullugyň möhletleri

1. Harby gullukçylaryň harby gulluk möhleti aşakdaky ýaly bellenilýär:

1) çagyryş boýunça harby gullugy geçýänler üçin - 24 aý;

2) orta-hünär bilimi bolup, çagyryş boýunça harby gullugy geçýänler üçin - 24 aý, ýokary bilimi bolup, çagyryş boýunça harby gullugy geçýänler üçin - 12 aý;

3) ofiser harby ady bolan we harby gulluga çagyrylan harby gullukçylar üçin - 24 aý;

4) borçnama boýunça harby gullugy geçýänler üçin - şu Kanunda bellenilen harby gullukda bolmagyň aňryçäk ýaşyna ýetýänçä.

2. Raýatyň harby wekilligiň çagyryş nokadyndan gaýdan güni harby gullugyň başlanan güni hasap edilýär.

3. Harby gullukçynyň harby bölümiň şahsy düzüminiň sanawyndan çykarylyp, harby bölüm tarapyndan berlen buýruk hatyndaky kesgitlenilen möhletde ýaşaýan ýeriniň harby wekilliginde harby hasaba duran güni harby gullugyň tamamlanan güni hasaplanylýar.

4. Harby ýygnanyşyklaryň geçilen döwri raýatyň harby gullugynyň umumy dowamlylygyna goşulýar.

### 36-njy madda. Harby okuw bilen baglanyşykly çykdajylaryň öwezini dolmak

1. Harby gullukçynyň baglaşylan şertnama boýunça borçlary delilli esas bolmazdan, ýerine ýetirmekden ýüz dönderen ýagdaýynda, onuň Türkmenistanyň ýa-da daşary ýurtlaryň ýokary harby okuw mekdeplerinde (mundan beýläk - ýokary harby okuw mekdepleri) okuwda bolmagy bilen bagly döwlet tarapyndan çykdajy edilen (tölenen) serişdeler yzyna gaýtarylyp alnyp bilner.

2. Döwlet tarapyndan çykdajy edilen (tölenen) serişdeleri yzyna gaýtaryp almagyň tertibi Borçnama boýunça harby gullugy geçmek hakynda düzgünnama hem-de Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen kesgitlenilýär.

**37-nji madda. Harby geýim lybasy**

1. Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň, beýleki goşunlarynyň we harby edaralarynyň harby gullukçylary üçin harby geýim lybasynyň we tapawutlandyryş nyşanlarynyň degişli görnüşleri bellenilýär.

2. Harby geýim lybasynyň we tapawutlandyryş nyşanlarynyň görnüşleri hem-de olary geýmegiň-dakmagyň düzgünleri Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan tassyklanylýar.

3. Niýetlenilişine baglylykda harby geýim lybasynyň görnüşleri harby ady, tapawutlandyryş nyşanlary şeýle hem degişliligi boýunça tapawutlanyp biler:

1) Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerine, beýleki goşunlaryna we harby edaralaryna degişliligi boýunça;

2) Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň, beýleki goşunlarynyň görnüşine degişliligi boýunça;

3) goşun kysymyna degişliligi boýunça;

4) belli bir harby düzümlere degişliligi boýunça.

4. Harby gullukçylaryň harby geýim lybasy we tapawutlandyryş nyşanlary Türkmenistanyň kanunçylygy arkaly goralýar.

5. Ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, kärhanalaryň, edaralaryň, guramalaryň hem-de jemgyýetçilik birleşikleriniň işgärleriniň geýim lybasy we tapawutlandyryş nyşanlary harby gullukçylaryň geýim lybasy hem-de tapawutlandyryş nyşanlary bilen birmeňzeş bolmaly däldir.

Kanun boýunça harby gulluk göz öňünde tutulan ministrlikleriň ýa-da pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň öz işgärleriniň geýim lybaslarynyň we tapawutlandyryş nyşanlarynyň görnüşlerini üýtgetmek ýa-da täzelerini girizmek zerurlygy ýüze çykan mahalynda, ol baradaky degişli teklipler Türkmenistanyň Goranmak ministrligi bilen ylalaşylyp, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine hödürlenilýär.

6. Harby lybasy geýmek hukugy bolmadyk raýatlar tarapyndan onuň bikanun geýilmegi Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilige eltýär.

**38-nji madda. Harby kasam**

1. Harby gulluga ilkinji gezek giren raýat, şeýle-de çagyryş boýunça harby gullugy geçmedik we harby ýygnanyşyklara ilkinji gezek çagyrylan raýat Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň hem-de harby bölümiň söweşjeň baýdagynyň öňünde dabaraly ýagdaýda Harby kasamy kabul edýär.

2. Harby kasam aşakdaky mazmunda tassyklanylýar:

"Men - Garaşsyz, Bitarap Türkmenistanyň raýaty (ady, atasynyň ady, familiýasy), mähriban halkymyza we Türkmenistan - Watanyma, Türkmenistanyň Hormatly Prezidentine - Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysyna wepaly boljakdygyma dabaraly kasam edýärin.

Türkmenistanyň Konstitusiýasyny we Türkmenistanyň kanunlaryny, Türkmenistanyň Prezidentiniň namalaryny mukaddes berjaý etjekdigime, harby düzgünnamalaryň talaplaryny, serkerdeleriň we başlyklaryň buýruklaryny berk ýerine ýetirjekdigime kasam edýärin.

Harby borjy mynasyp berjaý etjekdigime, Türkmenistanyň azatlygyny, garaşsyzlygyny we konstitusion gurluşyny, mähriban halkymyzy we eziz Watanymy mertlerçe gorajakdygyma kasam edýärin.".

**39-njy madda. Harby kasamyň kabul edilişi**

1. Harby gullukçy Harby kasamy harby gullugyň ýa-da harby ýygnanyşyklaryň geçilmeli ýerinde başlangyç harby taýýarlyk geçilenden soň kabul edýär.

2. Harby kasam kabul edilýänçä:

1) harby gullukçy harby wezipelere bellenilip, söweş wezipelerini (harby hereketlere gatnaşdyrylmaga, söweşjeň nobatçylygyny, söweşjeň gullugyny, garawul gullugyny ýerine ýetirmäge) we ýaragly çaknyşyklar şertlerinde wezipeleri ýerine ýetirmäge çekilip bilinmez;

2) harby gullukça ýarag we harby tehnika berlip-berkidilip bilinmez;

3) harby gullukça tussag etmek görnüşinde düzgün-nyzam temmisi berlip bilinmez.

3. Harby kasam Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň harby tertipnamalaryna laýyklykda kabul edilýär.

**40-njy madda. Harby wezipeler**

1. Harby gullukçylar harby bölümleriň wezipe sanawlarynda göz öňünde tutulan harby wezipelerde harby gullugy geçýärler.

Harby gullukça onuň eýelemeýän wezipesini 6 aýdan köp bolmadyk möhletde wagtlaýyn ýerine ýetirmek borjy ýüklenilip bilner.

2. Harby wezipeleriň sanawlary Türkmenistanyň Goranmak ministrligi (kanun boýunça harby gulluk göz öňünde tutulan beýleki ministrlikler ýa-da pudaklaýyn dolandyryş edaralary) tarapyndan işlenilip taýýarlanylýar.

Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň, beýleki goşunlarynyň we harby

edaralarynyň harby wezipeleriniň sanawlarynda aşakdaky wezipeler kesgitlenilýär:

1) diňe bäsleşik esasynda eýelenilip bilinýän harby wezipeler;

2) zenan harby gullukçylaryň eýeläp biljek harby wezipeleri;

3) raýat işgärleriň eýeläp biljek wezipeleri.

3. Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerinde, beýleki goşunlarynda we harby edaralarynda ýokary derejeli ofiserleriň, polkownik, 1-nji derejeli kapitan harby atlary göz öňünde tutulan Aýratyn ýolbaşçy wezipeleriniň ýeke-täk sanawyny Türkmenistanyň Prezidenti tassyklaýar.

Beýleki harby wezipeleriň sanawlaryny Türkmenistanyň Goranmak ministri (kanun boýunça harby gulluk göz öňünde tutulan beýleki ministrlikleriň ýa-da pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň ýolbaşçylary) tassyklaýar.

4. Harby gullukçylar harby gullugy aşakdaky halatlarda harby wezipeler däl wezipelerde geçip bilerler:

1) Harby kasam kabul edilýänçä;

2) harby gullukçy serkerdäniň (başlygyň) ygtyýarynda bolan döwründe - 2 aýdan köp bolmadyk möhlet bilen;

3) harby gullukçy guramaçylyk-düzüm çäreleriniň geçirilmegi serkerdäniň (başlygyň) ygtyýarynda bolan döwründe - 3 aýdan köp bolmadyk möhlet bilen;

4) harby gullukçy babatynda jenaýat işini gozgamak bilen baglanyşykly serkerdäniň (başlygyň) ygtyýarynda bolmagy - jenaýat işi boýunça gutarnykly çözgüt çykarylýança;

5) şu Kanunyň 42-nji maddasynda görkezilen edaralara ýollananda;

6) Borçnama boýunça harby gullugy geçmegiň tertibi hakyndaky düzgünnamada bellenilen başga halatlarda.

5. Türkmenistanyň Prezidentiniň namalary bilen bellenilýänlerden başga halatlarda raýat işgärleri ýolbaşçy harby wezipelere bellenilip bilinmez.

### 41-nji madda. Harby wezipelere bellemek

1. Harby gullukçylary harby wezipelere bellemek we olary harby wezipelerden boşatmak aşakdaky tertipde amala aşyrylýar:

1) düzüm boýunça ýokary derejeli ofiser harby atlary göz öňünde tutulan aýratyn ýolbaşçy harby wezipeler, şeýle hem düzüm boýunça polkownik, 1-nji derejeli kapitan harby atlary göz öňünde tutulan aýratyn ýolbaşçy harby wezipeler boýunça - Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan;

2) beýleki harby wezipeler boýunça - Borçnama boýunça harby gullugy geçmegiň tertibi hakyndaky düzgünnama laýyklykda.

2. Harby gullukça eýeleýän harby wezipesi boýunça borçlary ýerine ýetirmekden boşadylmak bilen, Borçnama boýunça harby gullugy geçmegiň tertibi hakynda düzgünnamada kesgitlenilýän möhletde başga harby wezipe boýunça borçlary wagtlaýyn ýerine ýetirmek tabşyrylyp bilner.

3. Borçnama boýunça harby gullugy geçýän harby gullukçynyň boşaýan ýa-da

boş duran harby wezipä belletmek üçin öz dalaşgärligini degişli hünär synag toparynyň garamagyna teklip etmäge hukugy bardyr.

**42-nji madda. Harby gullukçylaryň wagtlaýyn başga işe iberilmegi**

Harby gullukçy Borçnama boýunça harby gullugy geçmegiň tertibi hakynda düzgünnamada kesgitlenilen tertibe laýyklykda Türkmenistanyň Goranmak ministri (kanun boýunça harby gulluk göz öňünde tutulan ministrlikleriň ýa-da pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň ýolbaşçylary) tarapyndan Türkmenistanyň ýokary döwlet häkimiýet ýa-da dolandyryş edaralaryna ýa-da bellenilen tertipde ýolbaşçy wezipä saýlanan ýagdaýynda jemgyýetçilik birleşigine, şeýle hem Türkmenistanyň halkara şertnamalaryna laýyklykda halkara guramalaryna iberilip bilner.

**43-nji madda. Türkmenistanyň Mejlisiniň deputaty bolup durýan ýa-da Türkmenistanyň Prezidentiniň namalary bilen başga bir harby däl wezipä bellenilen harby gullukçynyň harby gullugy**

1. Harby gullukçy Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlygyna saýlanan we Türkmenistanyň Mejlisine işe geçirilen ýagdaýynda, onuň deputatlyk ygtyýarlyklarynyň döwri deputatlyga saýlanan pursadyndaky wezipesi we harby ady boýunça harby gullugy geçmegiň möhletine girizilýär.
2. Harby gullukçy Türkmenistanyň Prezidentiniň namasy bilen başga bir harby däl wezipä bellenilen halatynda, şol wezipäni eýelän döwri wezipä bellenilen pursadyndaky wezipesi we harby ady boýunça harby gullugy geçmegiň möhletine girizilýär.
3. Harby gullukçynyň şu maddanyň birinji we ikinji böleklerinde görkezilen wezipeler boýunça ygtyýarlyklary tamamlanandan soň, onuň harby gullugy dowam etdirmäge ýa-da möhletinden öň harby gullukdan boşamaga hukugy bardyr.

**44-nji madda. Harby gullukçylaryň düzümi we harby atlar**

1. Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerinde, beýleki goşunlarynda we harby edaralarynda harby gullukçylaryň aşakdaky düzümleri we harby atlary bellenilýär:

| **Harby gullukçylaryň düzümleri** | **Harby atlaryň görnüşleri** | |
|---|---|---|
| | **goşun harby atlary** | **harby deňiz harby atlary** |
| esgerler we matroslar | hatarçy (harby talyp) | matros (harby talyp) |
| seržantlar we starşinalar | kiçi seržant | ikinji basgançakly starşina |
| | seržant | birinji basgançakly starşina |
| | uly seržant | baş starşina |
| | starşina | baş gämi starşinasy |
| kiçi derejeli ofiserler | kiçi leýtenant | kiçi leýtenant |

| | | |
|---|---|---|
| | leýtenant | leýtenant |
| | uly leýtenant | uly leýtenant |
| | kapitan | kapitan-leýtenant |
| uly derejeli ofiserler | maýor | 3-nji derejeli kapitan |
| | podpolkownik | 2-nji derejeli kapitan |
| | polkownik | 1-nji derejeli kapitan |
| ýokary derejeli ofiserler | general-maýor | kontr-admiral |
| | general-leýtenant | wise-admiral |
| | general-polkownik | admiral |
| | goşun generaly | flot admiraly |
| Türkmenistanyň Marşaly | | |

2. Ýuridiki ýa-da lukmançylyk harby-hasap hünäri bolup hem-de ýuridiki ýa-da lukmançylyk wezipäni eýeleýän harby gullukçynyň harby adynyň öňünden degişlilikde "ýustisiýanyň" ýa-da "lukmançylyk gullugynyň" diýen sözler goşulýar.

Ýuridiki ýa-da lukmançylyk harby-hasap hünäri bolan ätiýaçlykda bolýan harby gullukçynyň harby adynyň öňünden degişlilikde "ýustisiýanyň" ýa-da "lukmançylyk gullugynyň" diýen sözler goşulýar.

3. Ätiýaçlykda bolýan ýa-da otstawkada durýan raýatyň harby adynyň öňünden degişlilikde "ätiýaçlykdaky" ýa-da "otstawkadaky" diýen sözler goşulýar.

4. Ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, kärhanalaryň, edaralaryň hem-de jemgyýetçilik birleşikleriň wezipeli adamlary, işgärleri we gullukçylary üçin harby atlara meňzeş gulluk atlarynyň, ýörite atlaryň ýa-da hünär derejeleriniň girizilmegi, şeýle hem ýörite atlaryň ýa-da hünär derejeleriniň harby atlara deňleşdirilmegi gadagandyr.

**45-nji madda. Harby atlaryň dakylyşy**

1. Harby gullugy her bir harby at bilen geçmek üçin belli bir möhlet bellenilýär.

Eger-de harby gullukçynyň eýeleýän harby wezipesi üçin harby at wezipe sanawy boýunça dakylan harby at bilen deň ýa-da ondan has ýokary bolmalydygy göz öňünde tutulan bolsa, nobatdaky harby ady harby gullukçynyň ozalky harby ady bilen gulluk etmeli möhleti gutaranyndan soň dakylýar.

Harby gullukça onuň özüniň bitiren aýratyn hyzmatlary üçin möhletinden öň bellenilen tertipde harby at dakylyp bilner, ýöne bu harby at wezipe sanawy boýunça onuň eýeleýän harby wezipesi üçin göz öňünde tutulan harby atdan ýokary bolmaly däldir.

2. Harby gullukçylara harby atlary aşakdakylar dakýarlar:

1) Türkmenistanyň Marşaly diýen harby ady - Türkmenistanyň Prezidentiniň hödürlemegi boýunça Türkmenistanyň Mejlisi;

2) ýokary derejeli ofiserler, polkownikler (1-nji derejeli kapitanlar), podpolkownikler (2-nji derejeli kapitanlar) diýen harby atlary - Türkmenistanyň Goranmak ministriniň (kanun boýunça harby gulluk göz öňünde tutulan ministrlikleriň ýa-da pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň ýolbaşçylarynyň)

hödürlemegi boýunça Türkmenistanyň Prezidenti;

3) maýor (3-nji derejeli kapitan), kapitan (kapitan-leýtenant), uly leýtenant, leýtenant we kiçi leýtenant harby atlaryny Türkmenistanyň Goranmak ministri (kanun boýunça harby gulluk göz öňünde tutulan ministrlikleriň ýa-da pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň ýolbaşçylary);

4) starşina (baş gämi starşinasy) harby adyny - harby birikmäniň serkerdesi;

5) uly seržant (baş starşina) harby adyny hem goşmak bilen, oňa çenli bolan harby atlary - harby bölümleriň serkerdeleri.

Türkmenistanyň Prezidentine - Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysyna harby atlar Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan dakylýar.

3. Harby atlary dakmagyň tertibi Borçnama boýunça harby gullugy geçmegiň tertibi hakynda düzgünnama bilen kesgitlenilýär.

**46-njy madda. Harby atlardan mahrum etmek, peseltmek we dikeltmek**

1. Harby gullukçylar, ätiýaçlykda bolýan we otstawkada durýan raýatlar harby adyň abraýyna ysnat getirýän gödek etmişleri üçin aşakdaky tertipde harby atlardan mahrum edilip bilner:

1) kazyýetiň teklibi boýunça;

2) uly we ýokary derejeli ofiserler Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan;

3) maýor, 3-nji derejeli kapitan harby atlaryny hem goşmak bilen, olara çenli bolan harby atlary Türkmenistanyň Goranmak ministri (kanun boýunça harby gulluk göz öňünde tutulan ministrlikleriň ýa-da pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň ýolbaşçylary) tarapyndan.

Harby atlary dakmaga hukugy bolan wezipeli adamyň harby atlardan mahrum etmäge hem hukugy bardyr. Harby atlardan mahrum edileniň harby adyny dikeltmegi şol harby ady dakmaga hukugy bolan wezipeli adam amala aşyryp biler.

2. Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň, beýleki goşunlarynyň we harby edaralarynyň harby gullukçylary Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Düzgün-nyzam tertipnamasynda kesgitlenilen tertipde harby atda peseldilip we ozalky harby adyna dikeldilip bilner.

**47-nji madda. Harby gullukda bolmagyň aňryçäk ýaşy**

l. Harby gullukda bolmagyň bellenilen aňryçäk ýaşy:

1) general-polkownik, admiral, general-leýtenant, wise-admiral, general-maýor, kontr-admiral üçin - 60 ýaş;

2) polkownik, birinji derejeli kapitan üçin - 55 ýaş;

3) başga harby ady bolan harby gullukçylar üçin - 52 ýaş;

2. Zenan harby gullukçylar üçin harby gullukda bolmagyň aňryçäk ýaşy - 48 ýaş diýlip bellenilýär.

3. Harby gullukda bolmagyň aňryçäk ýaşyna ýeten harby gullukçylaryň gulluk

möhleti Borçnama boýunça harby gullugy geçmegiň tertibi hakynda düzgünnamada kesgitlenilen tertipde 10 ýyl möhlete çenli tapgyrlaýyn uzaldylyp bilner, ýöne ol 65 ýaşdan ýokary bolmaly däldir.

## VII bölüm
## HARBY GULLUKDAN BOŞATMAK

### 48-nji madda. Harby gullukdan boşatmagyň umumy düzgünleri

1. Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan harby wezipelere bellenilen ýokary derejeli ofiserler Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan, beýleki harby gullukçylar bolsa, olary bu wezipä bellän wezipeli adamlar tarapyndan harby gullukdan boşadylýarlar.

2. Harby gullukçylar harby gullukdan boşadylanda ätiýaçlyga geçirilýärler. Ätiýaçlykda bolmagyň aňryçäk ýaşyna ýeten ýa-da harby hasapdan aýyrmak bilen, harby gulluga ýaramly däl diýlip ykrar edilen harby gullukçylar bolsa otstawka iberilýärler.

3. Harby gullukdan boşatmagyň tertibi Borçnama boýunça harby gullugy geçmegiň tertibi hakynda düzgünnama arkaly kesgitlenilýär.

### 49-njy madda. Harby gullukdan boşatmagyň esaslary

1. Harby gullukçy harby gullukdan şu aşakdakylar esasynda boşadylmaga degişlidir:

1) harby gullukda bolmagyň aňryçäk ýaşyna ýetmegi bilen;

2) harby-lukmançylyk (lukmançylyk) topary tarapyndan harby gulluga ýaramly däl diýlip ykrar edilmegi bilen baglanyşykly;

3) çagyryş boýunça harby gullugyň möhletiniň dolmagy bilen;

4) ofiser harby ady bolan, çagyryş boýunça harby gullugy geçýän harby gullukçynyň harby adyndan mahrum edilmegi bilen baglanyşykly;

5) azatlykdan mahrum etmek görnüşindäki jezanyň bellenilmegi.

2. Borçnama boýunça harby gullugy geçýän harby gullukçy aşakdaky ýagdaýlarda harby gullukdan möhletinden öň boşadylyp bilner:

1) guramaçylyk-düzüm çäreleri bilen baglanyşykly;

2) borçnama boýunça harby gullugy geçmegiň möhletlerini berjaý etmändigi üçin;

3) harby gullukçynyň mertebesine ysnat getirýän etmişi edendigi üçin;

4) döwlet syryna bolan goýberilmäniň berilmeginden ýüz dönderilmegi ýa-da şondan mahrum edilmegi bilen baglanyşykly;

5) şu Kanunda kesgitlenilen talaplara laýyk gelmeýändigi sebäpli;

6) borçnama boýunça harby gullugy geçýän harby gullukçynyň harby adyndan mahrum edilmegi bilen baglanyşykly;

7) ýokary harby okuw mekdebinden çykarylmagy bilen baglanyşykly.

3. Borçnama boýunça harby gullugy geçýän harby gullukçynyň aşakdaky ýagdaýlarda harby gullukdan möhletinden öň boşamaga hukugy bardyr:

1) serkerdeler (başlyklar) tarapyndan olar babatynda harby gullukçylaryň hukuklary we ýeňillikleri hakyndaky Türkmenistanyň kanunçylygynyň gödek ýa-da yzygiderli bozulmagy bilen baglanyşykly;

2) maşgala ýagdaýy boýunça:

a) lukmançylyk görkezijilerine görä harby gullukçynyň maşgala agzasynyň harby gullukçynyň harby gullugy geçýän ýerinde ýaşap bilmejekdigi we harby gullukçyny onuň görkezilen maşgala agzasy üçin başga amatly ýere geçirmegiň mümkin däldigi bilen baglanyşykly;

b) harby gullukçy-adamsynyň (harby gullukçy-aýalynyň) gulluk edýän ýeriniň üýtgändigi sebäpli maşgalanyň başga ýere geçmeginiň zerurlygy bilen baglanyşykly;

ç) harby gullukçynyň 18 ýaşa ýetmedik enesiz (atasyz) terbiýeleýän çagasyna seretmegiň zerurlygy bilen baglanyşykly;

3) Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlygyna saýlanmagy, Türkmenistanyň Prezidentiniň namalary bilen wezipä bellenilmegi bilen baglanyşykly;

4) hünär synag toparynyň netijesi boýunça;

5) umumy möhleti 25 we ondan köp ýyl gulluk eden erkek harby gullukçylar hem-de 20 we ondan köp ýyl gulluk eden zenan harby gullukçylar;

6) ýokary okuw mekdebine kabul edilmegi bilen baglanyşykly.

Şu bölegiň 1, 3 we 5 bentlerinde göz öňünde tutulan esaslar boýunça harby gullukdan boşadylan harby gullukça guramaçylyk-düzüm çäreleri bilen baglanyşykly harby gullukdan boşadylan harby gullukçylar üçin Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan hukuklar we ýeňillikler degişlidir.

4. Ofiser harby ady bolmadyk we çagyryş boýunça harby gullugy geçýän harby gullukçynyň, eger ol babatynda şu Kanunyň 18-nji maddasynyň 6, 7 we 19-njy maddasynyň birinji böleginiň 2, 4 we 5 bentlerinde göz öňünde tutulan ýagdaýlar bar bolsa, harby gullukdan möhletinden öň boşamaga hukugy bardyr.

5. Ofiser harby ady bolan we çagyryş boýunça harby gullugy geçýän harby gullukçynyň, eger ol babatda şu Kanunyň 19-njy maddasynyň birinji böleginiň 1, 2, 5 bentlerinde göz öňünde tutulan ýagdaýlar bar bolsa, harby gullukdan möhletinden öň boşamaga hukugy bardyr.

6. Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde nam-nyşansyz giden ýa-da ölen (wepat bolan) diýlip ykrar edilen harby gullukçy harby bölümiň şahsy düzüminiň sanawlaryndan çykarylýar.

## VIII bölüm
## TÜRKMENISTANYŇ ÝARAGLY GÜÝÇLERINIŇ, BEÝLEKI GOŞUNLARYNYŇ WE HARBY EDARALARYNYŇ ÄTIÝAÇLYGY

**50-nji madda. Ätiýaçlyga geçirmek**

1. Mobilizasiýa boýunça Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň, beýleki goşunlarynyň we harby edaralarynyň üstüni ýetirmek, ýaýbaňlandyrmak we ýitgileri dolmak üçin we harby ýagdaý döwründe aşakdaky raýatlardan ätiýaçlyk döredilýär:

1) ätiýaçlyga geçirilmek bilen, harby gullukdan boşadylan raýatlardan;

2) ýokary okuw mekdepleriniň ýanyndaky harby kafedralarda ätiýaçlykdaky ofiserleri taýýarlamak maksatnamasy boýunça okuwy geçen raýatlardan;

3) harby gulluga çagyryşdan boşadylmagy, çagyryş möhleti yza süýşürilmegi sebäpli harby gullugy geçmedik raýatlardan;

4) harby hasap hünäri bolan zenan raýatlardan.

Beýleki harby edaralaryň ätiýaçlygy şu Kanunda, Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda bellenilen tertipde döredilýär.

2. Ýokary okuw mekdepleriniň ýanyndaky harby kafedralarda ätiýaçlykdaky ofiserleri taýýarlamak maksatnamasy boýunça okuwy üstünlikli tamamlan raýatlara, ýokary okuw mekdebini tamamlanyndan soň, ätiýaçlyga geçirmek bilen bir hatarda Türkmenistanyň Goranmak ministri tarapyndan ofiserlik harby ady dakylýar.

Degişli harby-hasap hünärini taýýarlamak ugry boýunça kysymdaş raýat hünäri boýunça ýokary ýa-da ýörite orta bilim alan ätiýaçlykdaky hatarçylar, matroslar, seržantlar we starşinalar Türkmenistanyň Goranmak ministri tarapyndan Borçnama boýunça harby gullugy geçmegiň tertibi hakynda düzgünnamada kesgitlenen tertipde, hünär synagyndan geçirilenden soň, olara ätiýaçlykdaky ofiseriň harby ady dakylyp bilner.

3. Harby gulluga çagyryş möhletiniň yza süýşürilmegi bilen baglanyşyklykda ony geçmedik ýa-da harby gullugyň başga görnüşini geçen, şeýle hem harby atdan mahrum edilen raýatlaryň ätiýaçlyga geçirilmegi bilen bir wagtda etrap, etrap hukukly şäher harby wekili oňa hatarçynyň (matrosyň) harby adyny dakýar.

4. Ätiýaçlykda bolýan raýatyň harby gulluga ýaramlydygy Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerinde lukmançylyk güwä geçmesi hakynda düzgünnama laýyklykda kesgitlenilýär.

5. Içeri işler edaralarynda gullugy geçýän raýatlara harby-hasap hünari, Türkmenistanyň Içeri işler ministri bilen ylalaşylyp, Türkmenistanyň Goranmak ministri tarapyndan bellenilýär.

**51-nji madda. Ätiýaçlygyň düzümi**

1. Ätiýaçlykda bolýan raýatlar üç derejä bölünýär:

| Ätiýaçlygyň düzümi (harby atlar) | Raýatyň ätiýaçlykda bolmagynyň ýaşy | | |
|---|---|---|---|
| | 1-nji dereje | 2-nji dereje | 3-nji dereje |
| Esgerler, (matroslar), seržantlar (starşinalar) | 35 ýaşa çenli | 45 ýaşa çenli | 50 ýaşa çenli |
| Kiçi derejeli ofiserler | 45 ýaşa çenli | 50 ýaşa çenli | 55 ýaşa çenli |
| Uly derejeli ofiserler: maýorlar, (üçünji | 50 ýaşa çenli | 55 ýaşa çenli | 60 ýaşa çenli |

| | | | |
|---|---|---|---|
| derejeli kapitanlar), podpolkownikler (ikinji derejeli kapitanlar) | | | |
| Polkownikler (birinji derejeli kapitanlar) | 55 ýaşa çenli | 60 ýaşa çenli | - |
| Ýokary derejeli ofiserler | 60 ýaşa çenli | 65 ýaşa çenli | - |

2. Ätiýaçlykda bolýan we ätiýaçlykda bolmagyň aňryçäk ýaşyna ýeten ýa-da saglyk ýagdaýy boýunça harby gulluga ýaramly däl diýlip ykrar edilen raýat etrap, etrap hukukly şäher harby wekili ýa-da beýleki goşunlaryň, harby edaralaryň wezipeli adamlary tarapyndan otstawka geçirilýär we harby hasapdan çykarylýar.

**52-nji madda. Harby ýygnanyşyklar**

1. Ätiýaçlykda bolýan raýatlar harby gulluga taýýarlamak we gaýtadan taýýarlamak hem-de harby tehnikany öwretmek we hyzmat etdirmek üçin harby ýygnanyşyklara çagyrylyp bilner.

Harby ýygnanyşyklaryň başga maksat üçin geçirilmegine ýol berilmeýär.

2. Harby ýygnanyşyklaryň geçirilmeginiň tertibi Türkmenistanyň Goranmak ministrligi (harby gulluk kanun boýunça göz öňünde tutulan beýleki ministrlikler ýa-da pudaklaýyn dolandyryş edaralary) tarapyndan kesgitlenilýär.

3. Geçirilýän her bir harby ýygnanyşygyň dowamlylygy 2 aýdan artyk bolmaly däldir.

Raýatyň birinji derejeli ätiýaçlykda bolýan döwründe onuň harby ýygnanyşyklarda bolmagynyň umumy dowamlylygy 12 aýdan artyk bolmaly däldir.

4. Raýatlaryň harby ýygnanyşyklara çagyrylmagy üç ýylda bir gezekden ýygy bolup bilmez.

**53-nji madda. Harby ýygnanyşyklardan boşatmak**

1. Harby ýygnanyşyklardan zenan raýatlar boşadylýar.

2. Harby ýygnanyşyklardan ätiýaçlykda bolýan şu aşakdaky erkek raýatlar boşadylýar:

1) mobilizasiýa we harby döwürde döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralaryna, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryna, kärhanalara, edaralara hem-de guramalara berkidilen (bronlanan) raýatlar;

2) Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň, beýleki goşunlarynyň we harby edaralarynyň raýat işgärleri;

3) tehniki-uçarmanlar düzümi, şeýle hem awiasiýa we demir ýol ulaglarynyň ýük daşamagy gönüden-göni amala aşyrýan we ony üpjün edýän ýa-da uçarlara (dikuçarlara), aerodrom tehnikasyna, demir ýol ulagynyň hereket edýän düzümine we gurluşlaryna hyzmat etmek, abatlamak bilen meşgullanýan işçileri we gullukçylary;

4) deňiz, derýa flotunyň we balyk senagaty gämileriniň ýüzüşdäki düzümi;

5) okuw mekdepleriniň pedagogik işgärleri;

6) ýokary we orta okuw mekdepleriniň talyplary hem-de okuwçylary;

7) oba hojalygynda ekiş we hasyl ýygnamak işi bilen gönüden-göni mesgullanýan adamlar - şol işleriň geçirilýän döwründe;

8) harby gullukdan ätiýaçlyga boşadylan adamlar - ätiýaçlyga boşadylan gününden soň 2 ýylyň dowamynda;

9) kämillik ýaşyna ýetmedik dört we şondan-da köp çagasy bar bolan adamlar;

10) daşary ýurtda bolýan raýatlar.

3. Harby wekil degişli resminamalar bilen tassyklanylan esaslar bar mahalynda raýatlary harby ýygnanyşyklara çagyrmakdan boşadylmagy barada çözgüt kabul edip biler.

### 54-nji madda. Harby ýygnanyşyklary geçmegiň tertibi

1. Ätiýaçlykda bolýan raýatlaryň harby ýygnanyşyklary geçmeginiň tertibi Harby ýygnanyşyklary geçirmegiň tertibi hakynda düzgünnamada kesgitlenilýär.

2. Harby ýygnanyşyklara çagyrylan raýatlary maddy taýdan üpjün etmek işi Harby ýygnanyşyklary geçirmegiň tertibi hakynda düzgünnamada kesgitlenilýän tertipde hem möçberde amala aşyrylýar.

### 55-nji madda. Ätiýaçlykda bolýan raýatlara harby atlaryň dakylmagy

Ätiýaçlykda bolýan raýatlara harby atlary dakmak Türkmenistanyň Goranmak ministri tarapyndan Borçnama boýunça harby gullugy geçmegiň tertibi hakynda düzgünnama laýyklykda amala aşyrylýar.

## IX bölüm
## JEMLEÝJI DÜZGÜNLER

### 56-njy madda. Harby gulluga çagyryşdan boşadylan we çagyryş möhleti yza süýşürilen raýatlaryň hukuklary

2002-nji ýylyň 25-nji martynda kabul edilen "Harby borçlulyk we harby gulluk hakynda" Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda harby gulluga çagyryşdan boşadylan ýa-da çagyryş möhleti yza süýşürilen raýatlar görkezilen boşatmalardan we çagyryş möhleti yza süýşürilmelerden olaryň hereketiniň möhleti dolýança ýa-da olara bolan esaslar aradan aýrylýança peýdalanýarlar.

### 57-nji madda. Harby gullugyň dowamlylygyny hasaplamak

Harby gullugyň dowamlylygy Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertibe laýyklykda hasaplanylýar.

### 58-nji madda. Şu Kanunda göz öňünde tutulmadyk harby atlar

Ätiýaçlykda bolýan ýa-da otstawkada duran raýata dakylan şu Kanunda göz öňünde tutulmadyk harby at onuň özünde saklanyp galýar.

**59-njy madda. Şu Kanunyň güýje girmegi**

1. Şu Kanun resmi taýdan çap edilen gününden güýje girýär.
2. Şu Kanun güýje giren gününden başlap, 2002-nji ýylyň 25-nji martynda kabul edilen "Harby borçlulyk we harby gulluk hakynda" Türkmenistanyň Kanunyny we şol Kanuna üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hakyndaky Türkmenistanyň kanunlarynyň degişli böleklerini güýjüni ýitiren diýip hasap etmeli.

**Türkmenistanyň Prezidenti** **Gurbanguly Berdimuhamedow**

Aşgabat şäheri.
2010-njy ýylyň 25-nji sentýabry.